# *Daniel Conkadze*

**1830-njy ýylda Gruziýanyň öňki Duşeti uýezdiniň Kwawili obasynda eneden boldy. Onuň daýhan maşga- lasyndan gelip çykan kakasy ruhany bolupdyr. D.Çonkadzäniň çagalyk ýyl- lary obada geçipdir. Şadyýan, synçy çaga özi bilen önüp-ösen adamlary, olaryň durmuşyny, häsiýetini, adatla- ryny bütin ömrüne ýadynda saklapdyr. Ol özüni gurşap alan tebigatyň — dag gerişleriniň we Aragwi jülgesiniň gözel- liklerine-de maýyl boldy, soňrak bolsa şonuň esasynda “Suramy galasy” atly eseriniň ýordumyny ýaýbaňlandyrdy.**
**Esasy käri mygallymçylyk bolan D. Çonkadze edebiýata hem wagt sarp etdi.**
**Ömür tanapy örän ir üzülen ýa- zyjynyň edebi mirasynda «Suramy galasy» ýeke-täk eserdir. Şeýle hem ýazyjynyň Russiýa Ylymlar akademiýa- synyň tabşyrmagy boýunça rusça- osetinçe sözlügi düzmäge gatnaşan- lygyny-da, terjime bilen meşgullanan- dygyny-da, Demirgazyk Kawkazda ýaşaýan daglylaryň halk döredijiligini ýygnamak boýunça uly işler bitirendi- gini-de bellemek gerek.**
**D.Çonkadze döredijiliginiň tüýs gülläp ösen wagty, 1860-njy ýylyň 16- njy iýunynda Tbiliside aradan çykýar.**

# *Suramy galasy*

Dostlaryma bagyşlaýaryn.

Öten ýyl tomus Tiflisiň ýakyp barýan yssydan halys bolan adamlary şäheriň çetle rinde salkynlar ýaly ýer gözleýärkäler, birnäçe ýaş ýigit, şol sanda siziň sadyk guluňyz hem derýanyň aňry ýanynda, Ançiskati kilisesiniň garşysyndaky Gumlukda1 her gije duşuşyp duralyň, şol ýerde hem tä giç agşama çenli wagtymyzy hoş geçireliň diýşip maslahat etdiler. Şol maslahatymyz boýunça, biziň her birimiz gezegine gruzin durmuşyndan bir rowaýat ýa-da hekaýat1 2 gürrüň bermelidik. Biziň ülkelerimizde jöwzaly günlerden soň düşýän ajaýyp agşamlaryň biridi. Ýaş ýigitler ýaňyja derýa suwa düşüp çykypdylar; olaryň käbiri häzir çaý içýärdi, käbiri geýnip durdy, galanlary bolsa dyzynyň aşagyna tari3 goýup hiňlenip, bir zat çalyp oturan D. B-niň daşyna üýşüpdiler. Çaý içip, hyzmatkärler agşam na- haryny taýynlamaga duranlarynda, özleriniň bu gije hekaýa eşitmändikleri ýaş ýigitleriň

ýatlaryna düşdi; olar bu gün hekaýany kim aýtmaly-da-kim aýtmaly boluşdylar; görüp otursalar, olaryň hemmesi aýtmak gezegini geçiren ekenler. Birine ýalbardylar, ikinjisine ýalbardylar, emma gürrüň bermäge döwtalaby tapylmady. Onsoň bije atmaly boldy; biziň birimiz ýerinden turup: «Isilo, bisilo, şroşano, gwritilo...»4 5 diýip sanaşdyrdy-sanaşdyrdy-da, Niko D-niň üstünden düşdi.

— Ýaşasyn Niko! Gutlaýarys! — diýşip, oglanlar ýerli-ýerden gygyryşdylar.

— Ýok, gardaşlar, bu gün siz meni bagyşlaň. Dogrusy, taýýarlanmamsoň, men size näme gürrüň berjegimi bilemok.

1 Bu yer Kura deryasynyň cep tarapynda, Awlabar gerşiniň ete- ginde yerleşyar. Gadymy yadygarlikleriň biri hokmunde, ol şu gunlere cenli saklanyp gelen. Ancishati kilisesi bolsa sag kenarda yerleşyar. Aşakda gurruňi ediljek Muhran-Batoniniň oyi-de şol yerde, Barataşwiliniň koprusiniň yanynda yerleşyar.

2 Daniel Conkadze 50-nji yyllarda Tiflisde edebiyat gurnagyny doredipdir. Bu powestiň prologynda duş gelyan adamlar hem şol gurnagyň agzalary bolmaly.

3 Tari - tarly saz guraly.

4Gruzin cagalarynyň sanayan sanawajy.

5Guliswardi-turkmence «yurek guli» diymekdir. Gysgaldylyp tutulanda «Wardo» diyilyar.

— E-eý, Niko dost! Allany çagyr-da «Bir bar eken, bir ýok eken» diý-de başlaber, yzynyň bolsa bir zady bolar — diýip, Seko nesihat beriji äheňde aýtdy.

— Ýeri bolýar-da... Beýle bolsa, gulak goýuň! — diýip, Niko gürrüňine başlady.

## 1-nji baş

— Hanha, hol jaýy görýärmisiňiz? — diýip, Niks elini ullakan jaýa tarap uzatdy. — 01 Muhran-Batoni knýazlarynyň köşkleri bol- maly.
— Hawa, hawa, bilýäris! — diýşip, ýaş ýigitler jogap berdiler.

Indi ol köşkler haraba öwrüleňkirläpdir. Olary eýeleriniň näme üçin taşlandyklaryny we näme üçin seretmeýändiklerini bilemok. Emma bu tam sapaly günleri hem başdan geçiripdir. Bir wagtlar ol biziň şäherimizdäki iň owadan jaýlaryň biri bolupdyr, bu ýer- den ýoly düşen her bir adam ony görmäge barypdyr. Aýtmaklaryna görä, Muhran- Batoniniň öýündäki ýaly syratly, owadan, edepli hyzmatkärler hiç ýerde bolmandyr. Patyşanyň özi hem şeýle hyzmatkärleriň bolaýsa diýipdir. Bu hyzmatkärleriň içinde Durmuşhan diýen çalasyn we görmegeý bir ýigit bolupdyr, ol Muhran-Batoniniň öz ýörite hyzmatkäri eken, ondan başga ol ýerde Guliswardi5 diýen bir gyz hem bolupdyr, Guliswardi knýaz aýalynyň iň eý görýän çorusy eken.
Maňa bu hekaýatlary gürrüň beren mer- hum enekäm şol gyzyň owadanlygyny, baý, bir taryplaýard-ow: derek boýly, jeren gözli, barmaklary hem gamyş ýaly diýýärdi, bir söz bilen, Seko, Guliswardiniň owadanlygy seniň Katoň dagyň hem çaky bolmandyr.
— Hawa! Onsoň olar biri-birlerini-de söýen- dirler. Yzy nähili bolupdyr? — diýip, Seko alyp göterdi.

— Hawa, olar biri-birlerini söýüpdirler, özi- de şeýdip diňe Gündogarda söýüp bilýärler. Ýogsa-da bagyşlaweriň: şeýdip, diňe Guliswardi söýýän eken, Durmuşhanyň duýgulary barada bolsa gürrüňi entek öňde ederis. Guliswardi görgüli ony jany-teni bilen söýüpdir. Onuň bar guwanjy şol söýgi bolupdyr. Kuranyň boýun- daky şu aşagynda oturan agaçlarymyz olaryň söýgüleri barada aýdyşan gürrüňlerini, gör, näçe gezek eşidipdirler. Gury söze baý etse-de, Durmuşhanyň ýüreginde onuň diňe ýüregine düwüp ýören zadyny aýt- maga amatly pursat gözläp ýörenini gyz pahyr hem güman etmändir.
Bir gezek Durmuşhan bilen Guliswar- di hemişekileri ýaly şu ýerde duşuşyp, özleriniň geljekleri barada gürrüň açanlarynda, Durmuşhan birden:
— Gülüm, sen meniň nirelidigimi bir bilýärmiň? — diýip sorapdyr.
— Beýle-de bir sorag bor oguşýan, hawa, bilýärin.
— Men — imeretin, özümem serete- li knýazlarynyň krepostnoýy, edil sen ýaly çorynyň ýeke ogly bolmaly.
— Ýeri, bolaňda näme? Gaýtyp, söýgü- lim, sen meniň gözüme öňküdenem eziz görünýäň.
— Eýsem, sen meniň bu ýerlere nähili düşüp ýörenimi bilýärmiň?
— Ýok, bilemok. Hany, gürrüň ber, ezi- zim.
— Bir gezek meniň häzirki hojaýynym Imeretiýada1, öňki hojaýynymyňkyda myh- mançylykda boldy. Men bir zat diýip olaryň keýp çekip oturan tamlaryna girmeli boldum. Täleýim ters gelip, men knýaz Muhran-Batonä ýaraýypdyryn, onsoň ol meni taryplady. Şeýdip, garymym gazyldy oturyberdi. Ertesi knýaz Muhran-Batoni öýüne gaýdanda, meni onuň hyzmatkärleriniň ýabysynyň syrtyna mündürip, onuň yzyna düşürdiler. Şol wagt ejem pahyryň dady-peryat edişini, näzlim, bir gören bolsadyň! Bütin oba bolup oňa göwünlik berdiler, emma ol köşeşmedi. Men samsyk bolsam şol wagt näme üçin ejem beýle çarp urýarka diýip geň galýaryn. Ejemi iň soňky gezek görýänligimi men nireden bileýin? Şundan soňky gören görgülerime, Wardom, akyl ýetirer dagy eder ýaly däl! Açlyk, ýalaňaçlyk, urlup-sögülme — bir söz bilen, siziň Kartaliniýaňyzda görmedik görgim galmady. Öýde biri bir zat etse, hök- man günäkäri men. Ogurlan kim? Imeretin. Döwen kim? Imeretin. Üstünden gülünýän kim? Imeretin. Urlup, keýpden çykylýan kim? Imeretin. Ýene şol. Imeretinleriň üstünden gü- lünýän gürrüňleriň edilmesi nämeden? Şol ga- raw gaýtmaýan oglanjygyň gaharyny getirmek üçin... Bu ýagty jahana indereni üçin, Wardom, gözümden ajy ýaş döküp, telim gezek Hudaýa nalyş okadym. Eger-eger göwünlik beräýenleri
näteňet! Taňrynyň özi hem meniň ýüregime teselli berip bilmeýärdi, sebäbi men ony tana- maýardym. Şeýdip, Wardom, saňa sataşýançam, dünýäde derdimi paýlaşmaga adam bolmady...

— Nätjek bulary ýatlap? Hany, bes et! Seniň Wardoň buýruk edýär! — diýip, gyz onuň sözüniň arasyny ýolup, oňa bir posa ber- di welin, ömründe şeýle posa görenimiz az-az bolsa gerek. Bol-bol, Durmuşhan bol!
— Durmuşhan, meniň kelläme näme geldi diýsene? Toýdan soň hojaýynlardan rugsat alyp, üç aýlyk möhlet bilen siziň watanyňyza gideris. Seniň ejeň pahyr, gör, nähili begener.
— Aýratynam ol gülüm Guliswardini elte- nime begener, şeýle dälmi!
— Mümkin.
— Häzir ol dirimikä bir? Onsoň, ejemiň ýanyndan gaýdyp şu ýere gelenimizden soň, näderis, Wardo? — diýip, Durmuşhan pikire batyp sorady.

— Sen ýene öňkiň ýaly hyzmatkär bolarsyň, men bolsam hanyma hyzmat ederin.
— Wagt geçip, sen ýaly owadan çagamyz bolar. Sen ony alada edinip ösdürersiň ... Näzlim, şonda sen oglumyzy oňat görersiň gerek?
— Diýseň-dä! Janym-tenim bilen oňat göre- rin — diýip, Wardo bada-bat jogap berdi.
— Indi sen bir zady pikir et, kimdir biri seniň hojaýynyň ýanyna gelip, ondan oglumyzy soraýdy-da, şonda nätmeli borka?
Bu sowala Guliswardi allaniçiksi boldy. Ça- gam elimden alnar diýip, pahyrjyk ýatsa-tursa pikir etmeýärdi. Birneme böwrüni diňländen soň, Wardo:
— Bu bolup biljek zat däl! Meniň bikäm näme işleýär? Näme, ol meniň arkamy tutmaz öýdýärmiň? Ýok, bu bolup bilmez — diýip, jogap berdi.
— Ýok, sen knýaginýamyz ölüp, täze gelen bikämiz seni bir sebäp bilen halamaýan, söý- meýän hasap et. Şonda sen näme ederdiň?
— Ah, Durmuşhan, beýle bolup biljek gümany barmy? Mundan meniň ölenim gowudyr.
— Dünýäde bolup bilmejek zat ýokdur, näzlim. Hojaýynymyzyň gullarykak, biziň bagt garasyny görjek gümanymyz ýokdur. Sen öz bibiňe aýt: eger ol seni gowy görüp, seniň alnyň açylmagyny isleýän bolsa, goý, ol seni  erkinlige çykarsyn. Bolmasa, ol maňa öýlenjek däl diýýär diý.
Şu giirrüňden soň bir hepde geçdi, aşyk- magşuklar ýene-de şol öňkiije ýerde duşuşdylar. Durmuşhanyň rugsat haty eýýäm kisesindedi.
— Ynha dälmi, Durmuşhanym?.. Biziň çagalarymyzy sataslary ýok diýip, men saňa aýtdym ahyryn! Hany, indi sen aýt: haçan biz toý ederis?
— Howlukma, Wardom! Birneme sabyr et. Howlugandan peýda ýok.
— Toýy yza çekmäge sen ýene nähili bahana tapdyň, meniň akyllym? Ýöne sabyr et, sabyr et diýip ýör! Bir ony bahana edinýär, bir muny.
— Wah, nury-didäm, men seniň bagtyň barada alada edýän ahyryn, sen bolsaň ýene meniň iistiimden giilýärsiň! Hamana, guncam, men saňa aýalym diýmäge howlukmaýan ýaly. Ýok, indi döwür şeýle: eger bagtymyzyň dur- nukly bolmagyny isleýän bolsak, ýene birneme garaşandan gowusy ýok.
— Sen indi nämäni bahana edinýäň? Aýtda!
— Darykma, Wardom, meniň diýýänlerime pugta gulak as, şonda sen meniň mamladygyma göz ýetirersiň.
— Hany, basymrak aýtsana!
— Dogry, Wardom, biz indi erkin adamlar... Emma sen biziň egnimizdäki egin-eşiklerden başga hiç zadymyzyň ýoklugyny bilýärsiň ahyryn!
— Bolmanda näme! Sen-ä ýene öňki ýaly hojaýynyňa, menem bikäme gulluk ederis. Güzeranymyzyňam bir zady bolar! Şu çaka çenli oňupdyrys-a!
— Ýok, hiç kime boýun burman ýaşar ýaly zadymyz bolýança, biziň erkinligimiziň o diýen gymmaty bolmaz.
— Eý, Taňrym! Onda biz näme iş etmeli, Durmuşhanym?
— Sen hiç zat etme. Öňkiň ýaly bibiňe hyzmat ediber, men bolsam... men gitmeli. Men gidip

birneme işlemeli. Maňa Allaň özi garaşyk eder, Wardom! Men ýazyp-bozup bilýän, birnäçe dilde gepläp bilýän, hünärim bar. Pul gazanyp baýaýyn, onsoň ýene gaýdyp gelerin. Baý, şonda men seni keýp edip öperin-ow, nury-didäm.
Şeýle diýdi-de, ol gyzyň boýnundan elini dolap alyp, gözlerinden mähirli ogşady.
— Ýeri, bolýar-da, rast şeýle bolanyny gowy

'Suramy - Gruziýanyň gadymy şäheri, ol Suramy geçidiniň go- laýynda ýerleşýär.

görýän bolsaň, gitme diýip durjak däl. Sen onsoň haçan gitmekçi? — diýip, uly gaýga batan Guliswardi sorady.
— Gijikdirip oturasy iş ýok. Her bir sypdyrylan sagat biziň bir-birimize gowuşmaly minutymyzy daşlaşdyrýar. Iň gowusy, men alňasaýyn. Ertiriň özünde-de ýola düşeýin.
— Ertiriň özünde? Diýmek, görgüli Durmuşhanym, sen ertir ýola düşmekçi-dä! Sen hakda kim alada edip, geýim-gejimleriňi kim ýuwup-ýamap bererkä? Eger birden näsaglaýsaň, saňa kim serederkä?

Şeýle diýip, Wardo onuň maňlaýyndan ogşady.
Ogşa, görgüli Guliswardi, söýgüliňi mähir bilen öp, duşuşygy uzaga çekjek bol, sebäbi bi seniň bagtyň iň soňky minutydyr! Seniň diliň hiç haçan gaýdyp söýgi sözlerini gaýtalamaz. Sen häzir ölüp-ýitip gitseň gowy bolardy, Wardo! Diliňde hoşlaşyk sözleri, ýüregiňde päk söýgi bilen sen edil çaganyň uka batyşy ýaly, iinjüsiz-zatsyz ölüp giderdiň, seniň mazaryňa gynanç gözýaşlary damardy. Indi bolsa?.. Ýöne welin, öňdäkini görjek bolmak nämä gerek?..
Ertesi Durmuşhan bezemen geýnip, haşamly ýarag dakynyp, gara ata atlanyp, şäherden çykdy.
Giden gününden dogry bir aý geçenden soň, ol Guliswardä birinji hatyny iberdi, onsoň üç ýylyň dowamynda Guliswardä her aýda ýazdy durdy. Her hatynda Durmuşhan özüniň basym barjaklygyny habar berdi.
Bu üç ýylyň içinde bir topar zat bolup geçdi, ýagty jahanda köp zat üýtgedi. Diňe Guliswardiniň ýüregi üýtgemän galdy. Onuň ýüreginde Durmuşhana bolan şol päk söýgi möwç urdy. Bir topar men diýen ýigitler oňa oňat görünjek, oňa öýlenjek bolup ýören hem bolsalar, Wardo öz söýgüsini unutmady.
Şol wagt Durmuşhan näme işler etdi?
Tiflisden gidenine iki ýyl geçenden soň, ol öýlenip, uly toý etdi we Suramydaky1 gaýynyňka göçüp bardy.
Şeýlelikde, üç ýyl geçdi. Bir gezek knýaz aýaly Wardony ýanyna çagyryp, ýüz görül- ýän aýnany getir diýdi. Gyz buýrulan ýumşy ýerine ýetirdi. Bibi aýna seredip, zülple- rini sypalaşdyrdy, kellesine geýen zadyny düzedişdirdi we Guliswardiden:
— Niçik, Wardo, meniň owadanlygym öňkimçe barmy? — diýip sorady.

— Hawa-la, gözümiň röwşeni, sen örän owadan, goý, ähli gözeller seniň öňüňde tag- zym etsinler! — diýip, Wardo onuň elinden ogşady.
— Beý diýmäweri, gyzjagaz, sebäbi sen hem şolaryň biri. Sen hem owadan.
— Bolamda näme, men onuň üçin ulalyp- kiçelýänmi näme? Sizi menden oňat görýän barmy näme?
— Bilýän, bilýän, Wardom, sen gowy gyz, üstesine-de örän owadan, şonuň üçinem saňa öýlenjek bolýan ýigitleriň hetdi-hasaby ýok.
— Wah, beý diýmeseňizläň, bibim! Bolmasa, men Durmuşhana arz ederin — diýip, Wardo ýylgyryp jogap berdi.
— Seniň Durmuşhanyň hem geler wagty gelmedi. Şundan soň oňa wepaly bol-da ýör- dä! 01 seni düýpden unutdy. Men ol birine öýlenipdir diýip eşitdim...

— Besdir, bibim, siz hemişe meni şeý diýip gorkuzýarsyňyz. Goý, öýlense öýlenibersin! Näme, ol ýeriň-gögüň diregimi? Maňa hiç zat bolasy ýok, ol bolmasa ýene biri.
— Ynha, muňa hä diýýän, Wardo. Siziň birek-birege gowuşmagyňyzy Hudaý halamadyk bolara çemeli; belki, biri-biriňizden göwnüňiz hoş bolmazdy, şonuň üçinem Allatagala sizi biri-biriňizden aýra salypdyr. Nätjek-dä, keýgim, mert bol, sabyr-takatyň üçin seni Taňrym ýal- kar. Durmuşhan-a beýle-de dursun, eýsem ondan gowurak ýigitleriň hem saňa ýetseler, armanlary ýok.
Bu sözleriň näme üçin aýdylýanlygyna Guliswardi düşünmedi, emma ol bir zadyň barlygyny aňdy. Dogrusy, söýýän ýigidi özün- den ýüz dönderer diýip, gyzyň kellesine-de gelmedi, emma ol Durmuşhan ýesir düşendir ýa ölendir diýip pikir etdi. Bir bolmasy işiň bolanlygyny syzyp we ajy habary eşitmekden gorkup, Wardo bu gürrüňi başga ýana sowjak boldy, emma saklanyp bilmedi we munuň anygyna ýetmek üçin knýaz aýalynyň ýuwaşja syzdyrýan zadyny, hamana, öňden bäri bilýän kişi bolup, şeýle diýdi:
— Etjek alajyň barmy, bibim, Hudaýyň özi gowy bilýändir... Meniň maňlaýyma ýazylyşy şeýledir-dä, nätjek, çydaýmaly bolar-da...
— Diýmek, näme aýtjak bolýanymy sen eýýäm bilýärsiň-dä?

— Hawa, bibim, birki günlükde eşitdim... Ýöne neneň bolandygyny bilemok.
— Boljak iş bolupdyr, keýgim. Ynha, Durmuşhanyň haty. Meniň nebsim agyryp, muny saňa şu çaka çenli eşitdirip bilmedim... Hapa bolma, gyzym... Ynha, öňräk ýene-de bir dworýan saňa söz aýtmaga geldi...

Knýaz aýaly şeýdip, Guliswardini köşeşdirjek bolýança, gyz Durmuşhanyň hatyny okamaga durdy.
Ynha, onuň hatynyň anyk göçürmesi.
«Sereteli knýazynyň gyzy, beýik Muhran- Batoniniň aýaly, hanym Mariama, onuň aýagynyň tozy Durmuşhan Samaladzeden salam, goý, onuň ähli gaýgy-hesretleri meniň başyma düşsün. Salamdan soňky sözüm budurki, eý, merhemetli hanym, men siziň ýanyňyzdan gaýdyp, söwda baş urdum. Dürli ýerlerde bol- dum we öz-özüme: Wardo mätäçlik çekmez ýaly, hojaýynymyza ýük bolmaz ýaly, bira- zrak pul toplap, jaý edineýin diýdim. Emma elime birazrak pul düşüp, öýe gaýdaýyn diýip ýörkäm, bir gezek Suramyda ýaşaýan bir daýhanyňkyda ýatyp geçmeli boldum. Şonda Wardo ýazan hatlarymda gürrüň beren şepäm gyzyma öýlen diýip, ýalbaryp goýmady. 01 gyz onuň çokundyran gyzy eken, şonuň üçinem ol onuň ykbaly hakynda alada edýän eken. Men bolmaz diýip, onuň göwnüne degip bil- medim we şol daýhanyň gyzyna öýlenip, onuň maşgalasynyň hataryna goşuldym. Ine, ýagdaýlar şeýle, hanym! Men Guliswardä öýlenmekçidim, emma muny Hudaý halamadyk bolara çemeli. Bir oňat adama durmuşa çyksyn, islän zadyny hem bermäge taýýar diýipdir diýip, oňa meniň adymdan aýdyň, eger men barada bilerin diýseňiz, onda meniň ýagdaýlarym gül ýaly, aýalymyň hem ýaňyrak ogly boldy».
Bu hat gyzy ýyldyrym kakan ýaly etdi. Durmuşhanyň öýlenenligini habar berýän ýerine ýetende, Wardonyň gözi garaňkyrap gitdi, ol özüni lampa aşak goýberip, sag elini maňlaýyna diredi. Başyny egip, ýüzüniň gan- petini gaçyryp oturyşyna, Wardo hasrat heýke- line meňzedi. Şol minutda ol şeýle bir owadan, şeýle bir owadan göründi welin, knýaz aýaly oňa agzyny açyp, gyzyň maňlaýyndan ogşady. Emma Wardo gymyldamady hem.
— Wardo, gyzym, saňa näme boldy? Ço- kun, keýgim — diýip, knýaz aýaly onuň duluklaryny, gulaklaryny supurdi. — A-yu, adamlar! A-yu, jemagat, yetişeweriň.
Onuň gykylygyna gyzlar ylgaşyp geldiler; olaryň komegi bilen Wardo zordan essine getirildi. Ol gozlerini acyp, uludan bir demini aldy.
— Cokun, Wardo, gaygy-hesretiňi gum eder yaly, Hudayy cagyr — diyip, knyaz ayaly ony razy etjek boldy. Emma Wardo onuň gowunliklerini eşitmeyardi; ol hork-hork edip aglayardy.

— Gorguli Wardo! Dostlar, onuň yatan yeri yagty bolsun diyip iceliň. Bu gunlukce besdir!
— Icmedige jerime jamyny hem icirmeli
— diyip, biziň birimiz gygyrdy.
— Goy, şeyle bolsun!
— Goy, aytsyn! — diyip, beylekiler gygyryşdyiar.
— Onsoňmy? Şol gun adamlar Guliswardiniň belli palcy bilen pyşyrdaşyp duranlygyny gorupdirler...
Birnace minut gecip-gecmanka, kahetin cakyry bilen merhum Aleksandr Cawcawadzaniň1 goşgulary sebapli yaş yigitler, Wardonyň yatan yeriniň yagty bolmagy ucin icjek bolup otu- randyklaryny yatlaryndan cykardylar. Yaşlyk olum barada pikir etmani halamayar we ony yada salyan her bir zady kabul etmeyar.

**2-nji baş**

Ertesi yaş yigitler, oňden gurlenilişi yaly, yene yygnanyşdylar. Hemmeler Nikonyň gurruňini dowam etdirmegini sorap başladylar. Emma indi gezek onuňky daldi, şonuň ucin ol gurruň bermekden boyun gacyrdy. Gorup otursalar, onuň yzyndan Seko E. gurruň bermeli eken. Seko ozune kan garaşdyryp durmady, ol telpegini gyşyk geydi-de, aybogdaşyny gurup, uns berip diňlemeklerini sorap:
— Indi, dostlar, birneme yza gaydalyň — diyip, soze başlady.
Her bir diylen zada degip, her bir diylen zada garşy cykmak hasiyeti bolan, şonuň ucin hem «myrtar filosof» diyip atlandyrylyan Aleksey II-miz:
— Yza cekilmeli, gardaşlar, daşyny almaly
— diyip gygyrdy.

1 Aleksandr Çawçawadze-belli gruzin şahyry-romantigi (1786-1846).

— Eger yalňyşmayan bolsam, biziň Wardomyzyň soygulisi Durmuşhany jenap Niko ullakan bir yolda goyup gidipdi. Tiflisden cykyp, Durmuşhan... Gowusy, duruň, men ilki bilen onuň nesil şejeresi barada gurruň bereyin —Seko yene soze başlady.

— Ay, sen-a yaman daşa urduň! — diyip, Aleksey soz gatdy.
— Aleksey, bes et, yogsam gurruň berme- rin.
— Aleksey! Jerimani unutma. Jerime şahy bizde tayyar dur — diyşip, yoldaşlary gygyryşdylar.
— Bolyar-da, yeri onsoň?
— Durmuşhan ilki bilen Adam ata, How eneden, onsoň hem Nuhdan gelip cykypdyr, yene kimden gelip cykanlygy yadymda yok, hawa-how, ol yene Wardo gurruň berşi yaly, knyaz Sereteliniň koşgundaki gyzdan gelip cykypdyr, ozem knyazyň agtygy bolupdyr. Durmuşhanyň ejesi gorguli knyazyň on sekiz yaşly oglunyň gozune yakayypdyr, şonuň netije- sinde hem yuzi goja Sereteliniň yuzune calym edip duran Durmuşhan dunya inipdir.
Hemişe arassa geynuwli, duşbuje, salamat- lyja oglan knyazyň ozunden başlap, soňky kazajyga cenli hemmaniň guwanjy boldy. Ony birine bermage knyaz razy bolar diyip, hic kim oslamayardy. Şonuň ucin oglanyň knyaz Muhran-Batona bagyşlananlygy malim bolanda, her kim elinden ogly ya dogany alnan yaly hapa boldy. Garry knyazyň Durmuşhany beyle aňsat bermeginiň sebabi barada taryh sesini cykaranok. Yogsam, ol oglany gurruňsiz soyyar- di, yygy-yygydan onuň bilen oynayardy, soyup taryplayardy. Onuň oglany gowy goryanligi başga zatda-da gorunyardi: Durmuşhany ejesiniň gujagyndan alyp gaydanlarynda, garry knyazyň sag tay murty sandyrapmyş, kabirleriniň gownu- ne bolmasa, ol gozune yaş hem aylapmyş.
Herki zadyň duyp sebabine goz yetirme- gi gowy goryan koşk adamlary: yogsa-da Durmuşhany Muhran-Batona name ucin bagyş etdilerka diyip, bowurlerini diňlap, şeyle neti- ja gelipdirler: birinjiden, knyaz ogluna howly gyrnagy bilen iş salyşmagyň nahili erbet netijeleriniň barlygyny

gorkezmekci bolandyr, ikinjiden bolsa, knyaz ogly bilen yşkbazlyk ede- ni ucin, ol Durmuşhanyň ejesiniň gozuniň oduny almak isländir. Şol howly hyzmatkärleri-hä: ogluny ýitirenine kiçi knýaz onçakly gynanyp hem durmady diýýärler. Şol Durmuşhany äki- den günleri ol laçyn awlamaga çykyp, wagtyny diýip-aýdardan şatlykly geçiripdir. Muňa derek Durmuşhanyň ejesi pahyr oglundan aýrylyp uzak ýaşamady: şondan bir ýyl geçensoň, ol inçekeselden öldi. Durmuşhanyň soňky durmuşynyň nähili geçişini bolsa, siz eýýäm düýnki gürrüňden bilýärsiňiz. Ol edil ugruna goýberilen hossarsyz çaga ýaly ösüp-ulaldy.

Ilkinji horaz gygyrandan soň, Durmuşhan ýerinden turup, Allany ýatlady...

— Ynha, seniň munyň ýalman böküşi — diýip, Alekseý gygyrdy.

— Nätjek-dä, «myrtar filosof», men heniz sende mantyk okuwyny geçemok-da — diýip, Seko jibrindi.

— Aýdyber, aýdyber, oňa baş galdyrma! — diýip, diňleýjiler gygyryşdylar.

— Ikinji horazdan soň, Durmuşhan ýerinden turup, Allany çagyrdy, athanadan at çykardy, arassalady, arpa berdi! Soň hem ony eýerledi. Onýança Guliswardi hem işsiz oturmady, ol Durmuşhany ýola salmagyň ugruna çykdy. Horazlar üçünji gezek gygyranda, Durmuşhan çekini gowşadyp, eýeriň üstüne horjun atdy we atyna münüp, ýola çykdy. Nirä? Eger siz şol wagt Durmuşhanyň özünden niräk barýarsyňyz diýip soran bolsaňyz, ynanaýyň, ol jogap berip biljek däldi. Bu barada pikir etmäge onuň wagty barmydy näme? Onuň diňe bir arzuwy bardy: Tiflisiň onuň gulçulygynyň janly nusgasy ýaly bolup duranlygy, başyndan geçiren agyr günleri- ni Tiflisiň ýada salyp duranlygy, ahyrsoňy hem onuň azat durmuşyň lezzetinden dadasy, öz eden işi barada hiç kime hasap okamaýan, edesi gelen zadyny edýän adamyň duýgusyny bilesi gelýän- ligi üçin basymrak Tiflisden çykmalydy. Ynha, onsoň, meniň Durmuşhanym hem gidip barýar... Onuň at üstünde oturyşyny dagy görseňizläň! Eýsem, ol atly dworýana meňzemeýärmi näme? Hawa-da, onuň gorkýan adamy barmy näme, onsoň ol neneň özüni arkaýyn, dogumly tut- masyn? Kim oňa gödeksi zat diýsin? Dworýan bolmanda, onuň näme kemi bar!

Durmuşhanyň kellesine şeýle pikirleriň ençemesi gelip geçdi, şonuň üçin ol Dzegwä1 2 gelenini-de duýman galdy. Emma syýahatyň

bir täsin tarapy bar: başda ýolagçynyň keýpi näçe kök bolsa-da, birnäçe menzil geçip, az- kem ýadanda, onuň ýüregi erbet gysyp başlaýar. Şonda ol ýa aýdyma gygyrýar, ýa-da çuň bir pikire gidýär.

01 aýdyma gygyranda, ýüregi böküp duran ýalydy, oýa batanda bolsa, juda hapa bolup gelýän ýalydy. Emma bu ýalançy täsirdi; hakykatda bolsa ýolagçynyň içini gepledip gelşi onuň hyýal kölüne batanlygy üçindi: ol «bolsady» ekýärdi, bolmajak zatlary arzuw edýärdi, şonuň üçinem onuň göwni hoşdy, mundan hem beteri, ol bagtlydy.

Dzegwä ýetip barýarka, Durmuşhanyň hem oý-pikiri, ine, şular ýalydy. Ynha, onuň öňünde altyn öwüsýän bugdaý meýdany; şemal onuň bilen edil ýigidiň utanjaň gyz bilen oýun edişi ýaly oýun edýär. Şemal bugdaý başyna gysmyljyrap, onuň gulagyna söýgi sözlerini aýdýar, ol bolsa utanyp, şemaldan çekilýär. Ynha, günortanyň jöwzasynda agajyň aşagynda üýşüşip duran goýunlar. Gör, çopanyň özünden göwni hoş bolup saz çalşyny, gör, onuň öz tüýlek köpegini taryplaýşyny! Hojaýynynyň bir sözüni-de sypdyrmajak bolýan ýaly, köpek ony üns berip diňleýär! Ynha, on jübüt öküz şol «Orowelanyň2» sesine meýdanda azal dartyp ýör. Hojaýyna bir syn ediň! Onuň öküzleri «tap- hişşuw» ediň diýip, talabanlara tabşyryk beren wagtyndaky guwanyşy ýaly hut Kreziň özi hem guwanan däldir. A öküzler! Saza goşup tans edýän tejribeli tansçylar ýaly, olaryň talabanyň aýdymyna aýak goşup baryşlaryna bir syn ediň! A biziň gäwmişimiz! Gör, onuň keşleriň arasyndan parasatly we çuň pikirli görnüş bilen ýöräp barşyny, edil oňa Pifagoryň teoremasyny subut etmekçi bolýan ýaly.

Hol daşdaky bilbiliň sesini eşidýärsiňizmi? Ker ýa doňýürek bolaýmasaň, onuň söýgi nagmasyny aňşyrmak kyn däl, şeýle halatlarda garry bolsaň ýaşlygyňy, ýaş bolsaň söýgüliňi ýatlaman durup

bolanok, sebäbi ýaş ýigit bolsa, onuň söýýän zadynyň bolmazlygy mümkin däl. Durmuşhan hem özüniň Guliswardisi bilen geçiren göz açyp-ýumasy salymlaryny ýadyna saldy. Onuň göwnüne bolmasa, ol ony söýýän ýalydy, hawa, ol häzir ýeke bir Guliswardini söýmän, eýsem bütin jahany bagryma bassam diýýärdi.

1 Dzegwi-Mshet şäheriniň ýanyndaky oba
2 «Oroweia»-talabanyň aýdymy

«Ah, birnäçe tanap ýeriň bilen bir-iki jüp öküziň bolup, ýanyňda-da Guliswardi otursady» diýip, Durmuşhan içini gepledýärdi.

Emma onuň pikirleri başga ýakymsyz bir pikir bilen çalyşdy: Durmuşhanyň etsem diýýän zatlarynyň ählisi üçin pul gerekdi, pul bolsa onda ýokdy. Knýaza gulluk edip, kynlyk bi- len, belki hem galplyk bilen ýygnan sanlyja onluklary-da onuň göwnüne düwýän zatlaryny etmäge ýetjek däldi... Ol öz ýagdaýynyň göz- gynydygyna diňe şu wagt düşünip galdy.
— Aýby ýok, Hudaý bardyr! Iň kyny — şol näletsiňmiş gulçulykdan dynmakdy. Indi ähli zat özüme bagly! — diýip, Durmuşhan içini gepletdi we etmeli zatlary barada pikir edip başlady. Böwrüni diňläp bolandan soň, Durmuşhan bir täjire satyjy bolup işe durmaly diýen netijä geldi. Emma kime durmaly? Söwdanyň ösen wagty bolan biziň günlerimizde hem her näçe akylly bolsa-da, nätanyş adama täjirlerden iş tapmak aňsat däl. 01 wagtlar-ha bu has hem kyndy, aýratynam ýersiz-ýurtsuz Durmuşhan ýalylar üçin kyndy. Emma Durmuşhan beýle kynçylyklardan gorkýanlardan däldi.
«Näme biderek kelle çişirip! Meni işe alan bolsa-ha bolany! Bolmasa-da ýabymy, ýaragymy sataryn-da, üstüne ýygnanja pullarymy goşup, oňa bir ýerden dükan açaryn... Meniň özüm täjir bolup, satygçy edinerin». Oglan, çakyr süz, «Ýok, ene, özüme-de gymmat düşdi, beýle bolsa maňa galýan peýda ýok» diýip, ol öz ýanyndan alyjylar bilen gürleşdi.
Durmuşhan ýol bilen şeýle pikirlere gümra bolup barýardy, birden onuň gözi öň ýanyndaky çeşmä düşdi. 01 ýer oňa düşlemäge örän amatly bolup göründi. Sebäbi Durmuşhan ertirden bäri hiç zat iýmändi, ol atdan düşdi, horjuny aldy we ýabysyny duşap, ota goýberdi. Soňra ol horjuny çözüp, onuň içinden çörek, peýnir çykaryp, otuň üstüne saçak ýerine ýaglyk ýazyp, iýip başlady. Durmuşhan garnyny ömründe ilkinji gezek hojaýyn agzyndan galan galyndylardan däl-de, öz döwüm çöreginden doýurdy, döwüm gury çörek, gör, nähili süýji bolup göründi!
Ynsan durmuşy örän tasin guralan! Käte adam özüne durmuş ýoluny seçip alýar, emma birden oslanmadyk zat ony seçip alan ýolundan sowýar- da, otursa-tursa ýadyna düşmeýän ýere alyp gidýär. Ynha, Durmuşhanyňkam şeýle boldy.
Iýip-içip boldy-da, ýabysynyň dynjyny al- manlygyna göz ýetirip, Durmuşhan ädigini çykardy we irkileýin diýip gyşardy. Şol salymyň özünde çeşmäniň ýanyna üç sany türk ýetip geldi. Durmuşhan ilkibada olary özüni talajak bolýan garakçylardyr öýtdi we olara gaýtawul berjek bolup, ýaragyna ýapyşdy. Türkler çeşmäniň gyrasyna geldiler-de, Durmuşhana salam berip, atdan düşdüler.

— Ýaş ýigit, soraýanymyz üçin bagyşlaň, siz nireden gelýärsiňiz? — diýip, türkleriň ýolbaşçyragy sorady.
— Tiflisden, jenabym! — diýip, Durmuşhan jogap berdi.
— Siz Tiflisiň özündenmi?
— Size nähili aýtsamkam: özünden diýseň hem bolýar, özünden däl diýseňem.
— Bu nähili beýle bolýar?
Durmuşhan olara özüniň bütin ömrüni

başdan-aýak gürrüň berdi. Durmuşhan sözüni gutarandan soň, türk:
— Ýigit, saňa bagtly diýmeli, sebäbi sen gulçulykdan adam ganyny dökmän halas bolupsyň. Beýle bagt her kime ýetdirip dur- maýar. Eý, Taňrym! Bu çaga maňa ýatsam- tursam ynjalyk berenok! Ol gije-gündiz meniň göz öñümde dur, men ondan gaçyp nirede giz- lenjegimi bilýän däldirin... Bir wagtlar menem bagtlydym, bir wagtlar menem göwnümde çigit ýalyjak hem kirsiz asmana seredip bi- lýärdim, indi bolsa... Indi men ganhor, dinden çykan! Onsoň asman meniň günämi geçermi? — diýip, öz başyna hümürdedi.
Durmuşhan oňa haýran galyp seretdi.
— Siz näme diýjek bolýaňyz? Hiç düşünip bilýän däldirin, ýöne men siz türk dälmikäňiz diýýän.
— Hawa, men gürji — diýip, «türk» gaýgy- ly aýtdy.
— Onda näme, siziň egniňizdäki türk köý- negi-le? Özüňizi alyp barşyňyz-zadyňyz hem edil türk adamsynyňky ýaly-la?
— Munuň hem öz sebäbi bar.
— Onuň nähili sebäpdigini soraýsam, gödek- lik etdigim bolaýarmyka?
Türk sellesiniň ujuny ýokary galdyryp, maňlaýyndaky derini süpürip, pikirli:
— Sebäbinimi? — diýdi. — Sebäbini hä- zir düşündiräýerin. Siz maňa öz durmuşyňyz barada gürrüň berdiňiz, indi bolsa, men size öz durmuşym barada gürrüň bermeli. Aýtmak- laryna görä, başga biriniň ýanynda derdiňi dökseň, onda onuň gylla ýarysy egsilýärmiş.
Hany, göreli, bu şeýlemikä. Ýagşy ýigit, bu siziň ýüregiňize düşmezmikä diýýärin.
— Ýa, goýsaňyzlaň, elbetde, düşmez!
— Indi meniň adym Osman aga — diýip, «türk» söze başlady.
— Ertir, ertir — diýşip, oglanlar gygyryşdylar. — Ertir Alekseý aýdyp berer.
Şondan soň Seko gutarmaly boldy.
**3-nji baş**
— Ýaş ýigit, siziň adyňyz näme?
— Durmuşhan.
— Heý, Aragwanyň deresinde bolup görüpmidiňiz?
— Ýok, hiç haçan bolmandym.
— Beýle bolsa, siz meniň göwnüme, ýeriň iň ajaýyp künjekleriniň birinde bolup görmedik ýaly. Şol ýerde, derede, edil derýanyň gyrasynda Bodorna we Naoza obalarynyň arasynda G. obasy bar. Bu oba uly däl, emma daş-töweregi giden üzümlik bolansoň, ol daşdan uly oba ýaly bolup görünýär. Şol obada meniň kakam ýaşaýardy. Meniň şum bagtyma ol krepostnoýdy. 01 zäh- metsöýer adamdy, iki jüp öküzi, birnäçe sagylýan sygry we bir ýarym desýatin1 meýdany tutup du- ran üzümi bardy. Kakam obamyzyň iň sylanýan adamsydy, şonuň üçin goňşularyň arasyndaky bolup geçýän dawa-jenjelleriň, möhüm işleriň biri-de Zalikosyz (meniň kakamyň ady şeýledi) çözülmeýärdi. 01 wagtlar, gör, nähili gowudy! Ýer sürülýän wagty boýuntyrygyň üstüne münüp, gaýgysyz-ünjüsiz «Orowela» gygyrýarkam, men öküzlere nähili şatlyk bilen «tap, hişşuw!» diýer- dim. Ol günler — meniň ýazyksyz günlerim, wyždanymyň päk günleri geçdi. Ine, şol oglanjyk, öküzçiň buýrugy boýunça «Orowelany» aýdýan oglanjyk ýoldaşlarynyň gözüne basym ýüz ýanyçaryň baştutany, uly baýlygyň eýesi boldy. Emma indi ol hristianiniň gany bilen betnam boldy. Wah, şol geçmişimi şol öküzçi oglan bolup, edip berýän işim üçin bary-ýogy bir araba desse alýan wagtlarymy gaýtaryp getirip bolýan bolsa, men munuň üçin ähli zatlarymdan geçerdim.
Ýöne meniň bu bagtym az wagtlyk boldy. Bir gezek kakam desse boglan meýdana ugrady. Ynha, gaýdyşyn, üsti desseli arabanyň öňünde ýöräp gelýärkä, kert eňňitleriň birinde öküz- lerini saklap bilmändir. Janawarlar togalanyp

gelýärkäler, kakamy-da ýykypdyrlar, arabanyň tigirleri kakamy mynjyram-mynjyram edipdir. 01

ölensoň biziňki tersine bolup ugrady. Knýaz ilki bilen bejerip bilmersiňiz diýen bahana bilen üzümlerimizi elimizden aldy; soňra ýeke- ýekeden ählije öküzimizi aldy, ahyrsoňy hem ejeme gyrnak bolup, mülküme göçüp gelmeli diýip buýruk berdi.
Garamaňlaý ejem! Onuň öý-öwzar bilen hoşlaşanda, hapa bolşuny bir gören bolsadyňyz! Eý, Taňrym, maňa azar bermäň, maşgalamy dargatmaň diýip, ol hojaýyna nähili ýalbary- plar çykdy! Emma knýazyň gulagyna gurşun guýlan ýalydy.
«Aglar, aglar-da dynar!» diýip, hojaýyn pikir edýär. Olar bizi adam hasap etmeýärler, biziň hem söýüp, ýigrenip bilýänligimize düşünmeýärler. Olar bizde ýürek ýokdur öýdýärler, bizi ähli düşünjeden mahrumdyr öýdýärler.
— Saňa ene ýalbarýar! Goý, Alla seniň çagalaryň başyny dik etsin! Ähli keramatlylaryň hatyrasy üçin bizi öz ugrumyza goý! — diýip, ejem oňa ýalbardy. — Heý, mendenem bir gyr- nak bolarmy, jenap öýünde nähili düzgün bol- malydygyndan dagam başym çykanok ahyryn. Gaýtam öýümde bolsam, men saňa çagalarym bilen köp hyzmat edip biljek ahyryn. Özümiz kül iýip oňaly welin, hasylymyzyň ählisini saňa bereli, ýöne sen maşgalany dargatma. N eresse jikler im-eý! Ejem şeýle diýdi-de, bizi öz bagryna basdy.
— Sen bilip goý! Men gürrüňi köpeldip oturmagy halaýan däldirin! Ertiriň özünde şu ýerde gazyk bol! — diýip, knýaz buýruk ber- di, şol ýeriň özünde hem tazysynyň gülkünç oýunlaryna gözi düşüp, ha-ha-haýlap güldi.
Ejemiň hesret çekip duran wagtyndş-çykan bu gülki, baý, maňa aýylganç bolupf göründ- ow! Adam däl-de, adamyň içine giren Şeýtanyň gülýändigine meniň gözüm ýetdi. Beýle pur- satlarda diňe şeýtan şeýle gülüp biler!
Hemmesini jikme-jik gürrüň berip, ýüregiňize düşüp oturmaýyn. Ertesi bizi araba mündürip, knýazyň huzuryna äkitdiler. Biz hojaýyn aýalyň ýanyna bardyk. 01 bizi synlap çykansoň, meni we gyz jigimi ony-muny etdir- mek üçin, öz ýanynda goýmaklygy buýurdy. Ejemi çörek bişirilýän ýerde goýdular. Biz

Desyatin-metr olcegi yokka ulanylan olceg, 1.09 ga barabar.

şundan soň, bäş ýyllap şeýle ýaşadyk. Seniň özüň hem hojaýyn elinde hyzmat edipsiň, şonuň üçin bu gullugyň maňa nähili görgi berenligine sen aňsatja düşünersiň. Emma adam her bir zada, hatda dowzah oduna-da öwrenişip bilýär diýýärler. Onsoň wagtyň geçmegi bilen biz hem öz ýaşaýşymyza öwrenişip gitdik, ilki mundanam beter bolar diýip çak edenimizdenmi-nämemi, oňa kaýyl hem bolaňkyrladyk.
Bir gezek biziň hojaýynymyzyň öýüne Ka- hetiýadan bir ruhany myhmançylyga geldi. Men agşam naharyny çekip ýörkäm, knýazyň meni myhmana görkezýänligini aňdym. Ruhany meni başdan-aýak synlap çykdy-da, hojaýynym bilen pyşyrdaşyp başlady. Näme üçindigini-hä bilemok welin, myhmanyň maňa seredýän wagty meniň inim jümşüldäp, depe saçym üýşüp gitdi. Üstüme howp abanýanlygyny ýüregim derrew syzdy.
Ertesi knýaz meniň ejemi çagyrdy-da, jigim ikimiziň ýol şaýymyzy tutmagyny tabşyrdy. Biz ruhany bilen gitmeli bolupdyrys.
— Näme üçin, jenap?
— Näme üçin diýýärmiň? Aý, ýöne olary satanym üçin-dä.
Bu habary men edil öňden bilýän ýaly ka- bul etdim, şonuň üçin hem öz ykbalymdaky bolup geçjek üýtgeşikliklere eýýäm öwrenişip gitdim. Emma iň geň görmeli zat, ejemiň hem aglamaýanlygy boldy. 01 diňe çalarak tisgindi- de, meniň boýnumdan gujaklap, bagryna basdy. Men onuň elleriniň sandyraýandygyny we buz ýaly sowukdygyny duýdum.
Emma birazajyk salymdan soň, ol eýýäm hojaýynyň aýagyna ýykylyp ýatyrdy we diňe oglundan hemişelik aýra düşürilýän enäniň ýalbaryşy ýaly ýalbarýardy. Knýaz öz hyzmatkärlerine ony güm edip çykarmaly diýip buýruk berdi. Ejem ýerinden turdy-da, hojaýyndan: «Çagalaryň şaýyny haçana çenli tutmaly» diýip sorady. Knýaz bize: «Ertire çenli taýýar bolup durmaly» diýdi.
Gijäniň bir wagty, hemmeler süýji ukudaka ejem ýerinden turdy-da, ýuwaşlyk bilen meni oýatdy.

01 maňa öýden daşaryk çyk diýdi we meniň özüne garaşmaly ýerimi salgy berdi. Bir salymdan soň ol gyz jigimi hem alyp, meniň ýanyma çykdy.
1 Kldis-Ubani-köne Gnjziýanyň bir şäheri.
2 Priçastiýe-hristian adatlarynyň biri.

— Hany, balalarym, Allany çagyryp, ýola düşeliň! — diýdi we bizi çokundyryp, yzyna tirkäp ýöräp ugrady.
Güýzüň ümürli-dumanly gijesidi. Meniň ejem: eger yzymyzdan kowaýsalar, kowgy bizi sümme tokaýlyklardan gözlär diýen netijä geldi we şonuň üçin Tiflis ýoly bilen ýöräp gitdi. Daňdanlar biz Gartiskar jeňňeline ýetdik. Şonda ejem bize gür ýaprakly uzyn dubuň üstüne çykyp, gizlenip oturmagy tabşyrdy. Biz uzynly günümizi agajyň üstünde oturyp geçirdik, garaňky gatlyşanda bolsa ýere düşüp, ýolumyzy dowam etdirdik; basym biz şähere geldik.
Soň-soňlar men knýazyň biziň yzymyzdan kowanlygyna, ejemiň kowum-garyndaşlary bo- lan Pşawiýa gaçman, Tiflise tutduryp ugraýşyna men telim ýola geň galdym. Emma biz giji- räk hojaýynyň bir topar it alyp yzymyzdan çykanlygyny eşitdik. 01 bizi Pşawi ýolundan gözlän ekeni. Munuň şeýle boljakdygyny ejem öňden gören ekeni, şonuň üçin hem ol bizi şähere alyp geldi. Tiflisde geçiren ilkinji hepdämiz şeýle bir agyr boldy welin, biz tas açlygymyzdan ölüp- dik. Obadan alyp gaýdan azyk-owkatymyz üçünji gün diýlende gutardy. Biz dilegçilik etjek bolup gördük, emma bize hiç zat ber- mediler, sebäbi gedaýçylyk hem ökdeligi talap edýär, onsoň hem biziň geçip barýanlaryň ýüregini gyýaýjak şikesimiz ýokdy.
Emma gudrat hiç haçan adamyny kömek- siz taşlamaýar. Bir hepde geçenden soň, ejem bizi bir grege hyzmatçy edip berdi, özi bolsa Kldis-Ubanidäki1 kiçijik jaýy kireýine alyp, satar ýaly çörek bişirip ugrady. Men size bir zat aýtmagy unudypdyryn: ejem soralanda ermenidirin diýdi, bize hem ermeni atlaryny dakyşdyrdy. Özüne Matua diýdi, maňa Karapet, gyz jigime hem Şuşana diýdi. Şunuň ýaly edip, biz bäş ýyl töwerekleri ýaşadyk.
Gyz doganym ulalyp, ejem ony ermeni ogla- na durmuşa çykardy, bir ermeni buthanasyna gatnaýardyk, emma şol bäş ýyyň içinde ne men, ne ejem — hiç birimiz priçastiýede1 2 bol- madyk. Ermeni buthanasynda priçastiýe kabul etmäge wyždanym çatmaýardy, onsoň hem prowaslawdygymyzy bilseler, bize priçastiýe däbini ýerine ýetirtjek hem däldiler. Gürji buthanasynda bolsa öz üstümizi özümiz açarys oydup, doga okamaga yurek edip bilmedik. Bir gezek uspeniyaniň oň yanynda ejem her zat bolsa-da, men pricastiye dabini kabul etmeli diyip aytdy. Men ondan doga okalyarka nire- den gelip cykyşymy ruhana aydaymagyn diyip soradym. Ejem razy boldy, emma cydam edip bilmedi we wadasynda durman, ahlisini ruhana gurruň berdi. Hut şol gunuň ozunde biziň us- tumize natanyş adamlar cozup, el-ayaklarymyzy bagladylar-da, oňlerine salyp, surup ugradylar.
Bizi alyp baryarkalar, men ejemiň oz gunasine duşunip yanyanlygyny gordum: ol nazary bilen menden gunasini gecmegimi sorady. Gorguli ejem_
Biz agyr sutemler cekdiren knyazyň oňunde gelip durduk, onsoň ol azala goşmaly diyip buyruk berdi. Hawa, hawa, okuz yaly edip azala goşmaly diydi. Bizi kellamizi boyuntyryga sokmaga, okuzleri bilen bile azal cekmage me- jbur etdiler. Emma knyaz bulary hem az gordi, sebabi okuzler azaly juda hayal cekyardiler, biz hem entek guycden duşmandik. Ertesi guni ol ejem bilen meni harmana akitmegi tabşyrdy, bizi dowek dowyan carhyň tagtasyna goşup, ozi-de ustune mundi we okuzlerini surup ugrady. Bir- neme dync alayyn diyip, adimiňi hayallatdygyň, onuň cybygynyň awusy yuzuňi yalap gecyardi. Hey, şeyle yagdayda adam, onda-da ejemiň şol wagtky haldan duşuşi yaly, ysgyn-mydardan galyp halys bolan adam uzak gidip bilermi? Emma ejem on gezek aylanyp cykdy we bir gezek hem hyk-cok etmedi. Yone biz on birinji aylawa başlanymyzda, ol birden entireklap gitdi, yykyldy we gaydyp yerinden galmady.
Pahyry arkayyn olmage-de goymadylar: knyaz ony jogulik edendir oytdi we turuzmak ucin cybyk bilen saygylap başlady. Şeydip, urgynyň aşagynda ejem jan berdi.
— Ony-da cykaryň. Goryaňiz ahyryn: ol taysyz galdy — diyip, knyaz eli bilen meni gorkezdi.

Meni boşatdylar. Agşamaralar men yykyldym we uzynly gijelap gygyryp cykdym. Gownume bolmasa, men diriligime dowzaha atylan yaly boldum. Agşam ozumden gidipdirin, şondan soňky bolan zatlar yadyma duşenok. Gorup otursam, meni gyzdyrma tutan eken. Nahililik bilen bolanyny bilemok welin, uc hepdeden soň, men gozumi acdym. Keselden başy cykmayan, sagalyancam idi-yssywat eden bir ayal maňa gyzdyrma tutup yatan diňe sen dal diyip aytdy. Jayda menden başga-da keselli yatan eken, olardan ucusi dagy olupdir hem. Olenleriň arasynda knyazyň ilkinji ogly hem bar eken.

Uc yyl gecdi. Knyaz meniň bilen yaraşdy, sebabi hem, cak edişime gora, ol mende bir peydaly zat barlygyny gordi. Ynanar yaly bolmasa-da, ol meni wepaly hyzmatkar edinesi geldi, hatda ol meni wepaly daldir diyip guman hem etmedi. Ha-ha-ha! Ejesi boyuntyryk salnyp, halys edilen adamdan wepalylyga garaşyp!.. Bay, bu jenaplar tasin adam bolyarlar-ow!

Men yigrimi bir yaşymy doldurdym. Knyaz ayalynyň hyzmatkarleriniň arasynda Nato atly bir gyz bardy. Ozi-de orta boyly, goňras sacly, gar dek yuzli, hunji dişli şeyle bir syratly, gozel gyzdy. Gozleri-ha has hem ajapdy. Olary şu wagt nahili edip suratlandyrjagymy bilmeyarin. Uzak wagta ceken ayralykdan soň gaydyp geleňde ejeň saňa syn edişi yadyňdamy?

— Men ejemi bilemok — diyip, Durmuşhan jogap gaytardy.

— Wiy, bagyşlaweri, unudayypdyryn!... Natonyň gozleri hem maňa, ine, şeyle seredyardi. Olar asman yaly mawydylar, edil asman yaly syrdan doludylar. Şol gozleriň bakyşy maňa mahirli degyardi, şeyle hem ozune-de mahir bil- dirmegini talap edyardi, ol bakyş gownuňe bol- masa: «Bay, seniň gowudygyňy!» diyyan yalydy. Nato maňa bakanda, men Hudaydan: bu entekler menden gozuni ayyrmawersin diyip dileyardim; emma gorguli Nato utanc-hayany taşlap, gorene syn edip duran gyzlardan daldi.

Onuň hyzmatkar bolup, knyazymyzyň aya- lynyň hem hanym bolup dogulmagynyň diňe tebigatyň yalňyşydygyna meniň gozum oňat yetyardi.

Bir gezek hanymyň otagyna Nato ikimiz hem barayan ekenik. Knyaz ayalynyň ugry yokdy. 01 Nato namedir bir zat alyp gelmegi buyurdy. Gyz ylgap, buyrulan yumşy bitirmage gitdi, emma ol getir diylen zady bada-bat tapyp bilmandir. Hyzmatkar gyz gaydyp gelende, knyaz ayaly:

— Ah, sen yuzugara, ah, sen hayasyz mahluk! — diyip, onuň ustune gygyryp ugrady. — Iymeli zat bolsa-ha sen ony bireyyam tapardyň! Name ucin size zehinimi yandyryp yorun diysene? Sen meni basym incekeselli edersiň. Yok, sen bihayany sataymasam bolmaz! Mundan beter cydara halym yok.

— Hanym, Allanyň haky üçin, günämi geçiň. Tapyp bilmedim, hut jenabymyzyň öm- ründen ant içýärin.

— Bu haramzadany görseňizläň! Ýalan söz- läp ugradygy birinden ant içip başlaýar!

— Ýok, Alla şaýatdyr, ýok...

Diýjek bolýan zadyny diýmäge Nato gözýaş päsgel berdi.

Men mundan artyk seredip durup bilmedim we ol ýerden ylgap çykyp gaýtdym. Biraz wagtdan soň, howla Nato hem çykdy. Men ondan zordan:

— Nato, hanymyň saňa azar ýamanyny berýär öýdýän? — diýip soradym.

— Hawa-la, käte-hä öz-özümi öldüreýin hem diýýän — diýip, ol jogap gaýtardy we ýene aglamaga durdy:

— Aglama, Natom, goý. Alla bardyr. Gerek zadyň bolsa meniň ýanyma geläý: men seniň üçin elimden gelenini ederin. Şu günden başlap, sen meniň uýam, men bolsam seniň agaň. Se- bäbi men hem edil seniň ýaly ýetim adam.

Nato maňa nähili minnetdarlyk bilen seretdi diýseňizläň!

— Agam! — diýip, ol meniň elimden ýapyşdy, meni ogşady we çym gyzyl bolup, öýlerine ylgap gitdi.
Meniň ýüregim tyrsyldap ugrady, özi-de uýa öpüşindäki tyrsyldaýşyndan üýtgeşik tyrsyldady. Sebäbi Nato ikimiziň ýaşymyzdaky gany bir bolmadyk erkek adam bilen aýal maşgalanyň arasyndaky dostluk, hiç zat päsgel bermese, adatça, är-aýallyk bilen gutarýar.
Men söýgi ysytmamy suratlandyryp, sizi irizip oturjak däl, dogrusy, häzir olar ýadyma hem düşjek däl.
Biri-birimizi söýüp başlanymyzdan soň, esli wagt geçdi, ine, onsoň, bir gezek çemine geti- rip, knýazdan öýlenmäge rugsat bermekligini soradym.
— Nämeler samraýaň, ýigit? Öýlenjek? Gör, munuň göwünjiginiň isleýän zadyny!
— Örän haýyş edýärin, jenap!
— Onsoň sen kime öýlensem diýýärsiň?
— Öý işlerini edýän gyza, jenap!
— Öý işlerini edýän gyza?

— Edil özi.
— Edil özi diýsene... — diýip, knýaz meniň sözümi ýaňsa aldy. — Eýsem, sen dünýäde meniň hyzmatkärimden başga gyz tapmadyňmy?

—Nädeýin-dä, jenap, ony meniň sulhum alýar.
— Näme?! Sulhum alýar? Şeý diýsene! Bu haýsy knýazyň ogluka-aýt! Onsoň başga sulhuň alýan zady ýokmy, zähmet görme-de, aýdaweri?.
— Jenap!
— Gümüňi çek. Bu bolup biljek zat däl! Men köşkdäki gyzy goýberip bilmen, onsoň saňa-da öýlenmäge ýol bermerin. Sen maňa şu ýerde gerek.
Nädip men onuň kejine gaýdaýyn? Knýazyň otagyndan çykan wagtymdaky ýagdaýa duşmanym hem düşmäwersin. Nato maňa daşarda garaşyp dur eken. Meni gören dessine ol ähli zady aňdy we entek ýekeje söz hem diýmänkäm aglap başlady.
Ine, meniň knýaz bilen eden gürrüňim, maňa bagt getirmeli gürrüň, meniň ähli görgülerimiň gözbaşy boldy. Sebäbi oň özünden gaça du- rulýan Nato baş galdyrmaýan ýaly bolup görünýän knýaz meniň haýyşymdan soň oňa seredip başlady we görnüşi ýaly, ol gyzy halan bolara çemeli.
Bir gezek men toýly meseläni nädip ýola goýup bolarka diýip pikir edip otyrdym. Birden şol wagt Nato ylgap geldi-de, boýnuma bökdi.
— Nador, Allanyň haky üçin, maňa kömek et, men nätjegimi bilemok! Knýaz maňa bir tüýsli üýtgeşik seredýär... Men gorkuberýärin. Men onuň gözüne ýakan bolara çemelim. Hany, maňa aýt: men nätsemkäm?
Onuň bu sözlerinden kelläme gan inip gitdi.
— Ondan gaça dur, onuň gözüne görünme- jek bol — diýip, men oňa maslahat berdim.
— Men munsuz hem gözüne görünmejek bolýan-la. Oňa boýun bolanymdan ölüp-ýitip gidenimi gowy görýärin. Hany, onsoň nädeýin? Soň nätmeli bolarka?
— Soňrakysyny soňra görübereris. Allanyň özi garaşyk eder.
Şol günüň özünde knýaz Natonyň yzyna düşmäge synanyşypdyr, emma Nato onuň gatan sözlerine jogap gaýtarmandyr.
Esli wagt geçenden soň, ol meni ýanyna çagyryp, maňa özünifi şäherde ýaşaýan bir dos- tuna hat eltip, ondan jogabyny alyp gel diýdi. Men şähere ugradym. Bu hatda knýaz meni bir- näçe hepdeläp öýe goýbermäň diýip ýazypdyr.
Esli wagt geçenden soň, maňa knýazyň hatyny okap berdiler we obaňa gaýdyber diýdiler. Men bularyň näme maksatlar bilen edilendigine şobada düşündim. Obamyza ýetip barýarkam, bir garry

kempire duşdum. Men ondan:
— Ene, biziň Natomyzyň ýagdaýynyň nähi- lidigini-hä bilýän dälsiň? — diýip soradym.
— Wah, oglum, sen sorama, men aýt- maýyn.
— Näme boldy? Aýt, ene, horlama!
— Ine, şeýle boldy: knýaz oňa lak atyp ugrady. Oňa razy bolmakdan Nato boýun ga- çyranda, pälazan garry güýç ulanyp, ony haýbat bilen razy etjek bolupdyr. Gyz pahyr ilki çydajak bolupdyr, emma ahyrsoňy çydaman, gaharyna özüni suwa taşlapdyr. Ony, ynha, şu ýeriň özünden, Naoza obasynyň ýokarragyndan tapypdyrlar.
Onuň soňky sözlerini ahyryna çenli diňlemän, men knýazyň üstüne eňdim.
— Näme bar? Saňa näme boldy? Ýüzüň- gözüň dagy näteňet, arwahyňky ýaly gyşaryp dur-la? — diýip, ol gygyrdy.
— Hany Nato?
— Hudaý bilsin! Köpeý ogly, bularyň hem- mesi seniň hilegärlikleriň bolsa gerek!..
Men özümi elim hanjarly onuň üstüne zyňdym.
— Edýäniň dagy näme, haramzada?! Ýetişeweriň, öldürýärler — diýip, knýaz gygyrdy.
Bu onuň iň soňky aýdan sözleri boldy. 01 demini sanap başlady. Knýazyň gykylygyna hanym ylgap geldi. Bu elhençlige allaniçiksi bolup çirkin ses etdi we yzyna — otagyna tarap ylgaşlap gitdi. Onuň sesini eşidenimde, ýene kimden ar aljaklygym ýadyma düşdi. Men onuň söbügine düşdüm. Ylgap onuň bo- lýan otagyna girenimde, onuň göwresi bilen penalap, ogluny gujaklap oturanyny gördüm.
— Nador, meni öldür welin, meniň Gogoma rehim et, seniň öňüňde onuň günäsi ýok — diýip, knýaz aýaly ýalbardy.
— Meni öldürme, meniň saňa eden zadym ýok! — diýip, oglanjyk gaýtalady.
Emma olaryň ýalbarmalary meniň gulagyma hem ilmeýärdi...
Onsoň daşaryk çykdym-da, ata münüp, gamça basdym. Agşamaralary yzymdan kowgy

ýetdi. Emma yzymdan ýetenleriň hiç biri meni tutjak hem bolmady, öldürjek hem bolmady. Tersine, olar maňa Ahalsihä1 gaçmagy masla- hat berdiler. Men olaryň maslahatyna gulak saldym we üçünji gün diýlende şol ýerde bol- dum. Ahalsihede men haýal etmän müftiniň ýanyna baryp, oňa pygamberiň dinini kabul edesim gelýänini aýtdym. Ertesi men dabaraly suratda hristian dininden çykyp, Muhammet pygamberiň dinine girdim. Ýerli türk emel- darlary meniň üstümi sowgat-peşgeşden dol- durdylar. Olar maňa Stambula gidip, ýanyçar bölümine ýazylmagymy maslahat berdiler. Men ol ýere gidip, ýanyçar boldum. Dogrusyny aýt- sam, daşdan göräýmäge meniň ýaşaýşym gülala- güllükdi. Emma ýüregimde nähili hesretleriň gopýanlygyny diňe Hudaý bilýärdi.
Ýazyksyz çagany öldürmegim we dinden çykmagym maňa ynjalyk bermeýärdi. Şol eden günälerim meni şu günlere deňiç horlap gelýär. Toý-tomaşada, söweş meýdanynda, düýşümde, oýalykda — hemme ýerde meniň öňümde «Men saňa näme etdim, näme üçin sen meni öldürdiň?» diýip, gana bulaşyp ýatan oglanyň keşbi dur.
Näçe gezekler men söweşde ölüm gözledim! Ýigrenji durmuşdan dynjak bolup näçe gezek-ler men näme bolsam bolaýyna salyp, jeňiň ortasyna girdim! Emma duşman oklary maňa degmedi; ölmegiň deregine men gaýduwsyz esger diýen şöhrat gazandym we bahym ýüzbaşy boldum. Emma ynsap şol öňküsi ýaly horlaýar. Ýadym- dan çykaraýyn diýip, kärimi üýtgetdim, söwda baş goşdum we oňatja baýadym. Emma bu hem meni ynsabymyň horlamagyndan dyndarmady. Taňrym, meniň günälerim bir wagtlar bir geçirilermikä? — diýip, Osman aga birneme dymyşykdan soň ýuwaşja gürledi we şol ýeriň özünde hem: — Bir syrly ses-hä maňa ýok, geçilmez diýýär — diýip, sözüniň üstüni ýe- tirdi. Durmuşhan:
— Hudaý bardyr. Eger çynyň bilen ökünseň, geçilmejek günä bolmazmyşyn diýip eşitdim — diýdi. Osman aga içini gepledip:
— Ýok, meniň günäm geçilip bilinmez — diýdi.
— Gaýgy edip ýörme-de, Hudaýa sygyn — diýip, Durmuşhan gaýtalady.

1 Ahalsihe-Gruziýanyň günorta böleginde gadymy şäher. Powestde günüň berilýän wagt ol türk häkimliginde eken.

— Ýeri, bolýar-da! Eger ýüregiňe düşen bolsam, bagyşla — diýip, Osman aga ajymtyk ýylgyrdy we öz hyzmatkärlerine atlary häzir- lemeli diýip buýruk berdi.
— Sen biziň bilen gitjekmi? — diýip, ol Durmuşhandan sorady. — Seniň geljegiň barada ýolda gürleşeris.
— Men siz bilen gitmäge taýýar.
Birnäçe minutdan soň olar atlaryna atlandy-
lar-da, ýola düşdüler.
— Ynha, bar bolany. «Gaýgy-gamy goýup geldim, bar şatlygam alyp geldim».
Alekseý sözüni tamamlanda oňa:
— Wiý, bu zatlary sen aýtmaly däldiň — diýişdiler.
— Onda kim aýtmaly?
— Knýaz-liberal aýtmalydy.
Knýaz-liberal diýip biz D.-e aýdýardyk,
sebäbi ol daýhanlaryň azat bolmagynyň baryp ýatan tarapdarydy we krepostnoý düzgüne degişli her bir zady ilden öňürti eşiderdi.
— Goý, ol ertir gürrüň bersin.
— Ertir knýaz-liberal gürrüfi bersin! Taýýarlanyber, knýaz-liberal, ýöne gaýrat et-de, sadarak gürle, dabaraly jümleler bolmasyn..
— Meni şeýle bir gorkuzdyňyz welin, indi men krepostnoý düzgüni barada ýekeje söz hem aýtman — diýip, knýaz-liberal jogap berdi.
Gürji ertekileri, adatça, şeýle sözler bilen tamamlanýar.

**4-nji baş**

— Kum, bir netijä gel diýýärin, pikir edip oturasy iş ýok.
— Hüm, hüm... Äh-eý, heleý, çişligi beýle- sine agdaryp goýber, görýän ahyryn, ol gara köýük bolup gidipdir.
— Hany, sen başga ýana sowma-da, maňa jogap ber!
— Sen näme diýýärsiň-ä, dost?
— Belli bir netijä gel — meniň çokundyran gyzymy äre ber diýýärin!
— Wah, men gelen bolsa berjek-le.
— Ynha, men seniň ýanyňa şony berseň diýip geldim.
— Ýok, gadyrdan, men oňa gyzymy berip bilmen?
— O näme üçin?
— Sebäbi, birinjiden-ä... Ah, sebäbi azmy? Sebäpleri bar-da.

— Her niçigem bolsa, näme sebäbi bar? Ýa-da seniň göwnüňe oglanyň ugry ýokmy?
— Ýok, oglan oňat, ýöne weli...
— Aý, «weliniňi» goýsana!
— Wah, ol ýersiz-ýurtsuz, ýeke çykan oglan-da.
Bu sözleri eşidip, myhman tenine tiken çümen ýaly, ýüzüni bürüşdirdi.
— Ýeke çykan bolanda näme? Oglanyň göwnüňden turmaýanlygynyň bar sebäbi şumy? Onuň meniň ýanymda bolýanlygyna bary-ýogy iki ýyl geçdi, ol eýýäm ýüz onluk dagy ga- zandy. Nämesi kemmiş?
— Gowy-la, gowy-la... ýöne sen meniň bir gyzymyň barlygyny bilýärsiň ahyryn... Ynha, şonuň üçinem men oňa mynasyp ýigit göz- leýärin.
— Seniň pikiriňçe, oňa kim mynasypmyş?
— Allanyň bereni bolar-da. Men ony atdan- sordan galan dworýana bermäge-de kaýyl-la.
Şu ýerde myhman ýene ýüzüni çytdy.
— Elhepus! Dworýan diýeniň düýpden başga mesele. Ol her näçe garybam bolsa, onda iň

bolmanda bir kazak bilen bir hyzmatkär gyzyň tapyljagy belli. Ana, onsoň, onuň aýaly suwy-da özi getirmeli bolmaz, hamyry-da özi etmeli bolmaz.
— Weý, näme, meniň gerçegimiň aýaly çöregi özi bişirer öýdýärmiň? Näme ol hyz- matkär edinip bilmez diýýärmiň?
— Näme edinip bilmän, ýöne ol hyzmatkäre hak tölemeli bolar, dworýanyň hyzmatkäri bolsa hut onuň özüniňki.
— Eger şeýle bolýan bolsa, men oňa ertiriň özünde bir topar krepostnoý satyn alaryn.
— Aý, alýan bolsaň alyber. Alla ugruna etsin!
— Şonda bir gyzyňy berermiň?
— Bilmedim. Ýöne welin, kum, ol ýeke çykan! Men maşgalaly adam, meniň dostlarym hem bar, duşmanlarym hem. Men olaryň ýa- nynda meniň, ine, şeýle giýewim bar, aňyrsy hem şeýle diýip öwünesim gelýär.
— Biderek zat, kum. Şeýle bir toý ederin welin, öňýeten knýaz ogly şeýle toý bolaýsa diýip höwes eder.
— Munuň peýdasy näme?
— Peýdasy, birinjiden, duşmanlaryň gözüne gum gapdyrýarsyň. O
sowda girişip, altyn yygnap başlar, puluň bolsa ahli zat edip bolyanlygyny ozuň bilyarsiň!
— Emma puluň onuň aňyrsyny uytgedip biljek gumany yok.
— Munyň dogry, yone atly-atly adamlar hem onuň gunune howes edip, karz pul aljak bolup onuň oňunde pelesaň ursalar natjek?
— Ah, sen şol oz eňegiňe tutup otyrsyň. Allanyň haky ucin, sen bir gurruňi goy.
— Name, eysem meniň gurruňim galat- my?
— Belki, galat hem daldir, yone ol dere- ja yetjek bolsa, Durmuşhana set muň onluk gerek bolar.
— Onuň şonca puly bolar hem.
— Nireden bolsun?
— Oz cekyan zahmetinden bolar, ol edenini bilyan yigit! Yene-de ondan-mundan bolan yeri bolar, yone olary tapjak-biljek ozum bolayyn. Men oňa oz emlagimiň yarysyny berayjek.
— Name ucin?
— Bu meniň oz işim. Allanyň diyeni bilen boljak diyip, men saňa aytdym ahyryn. Belki, meniň gunam-de gecilse geciler.
— Wah, yene seniň oz eňegiň. Bu samramalaryňy sen hacan goyarkaň?
— Olenimde.
— Allanyň haky ucin, gurruňleriňi goy.
— Her nicigem bolsa, sen maňa jogap berersiň gerek?
— Soň, soň bir gezek. Gel, entek bir şamlyk edineli. E-hey, barmysyň hany; sacaklary-zatlary yazyşdyr.
— Bu «soň-soňuňy» men bir yyllap eşidip gelyan.
— Nadeyin-da, gadyrdan kum, hic yuregi bire baglap bilemok... Munuň ucin sen meni olduraymersiň ahyryn...
Roždestwo gijesi Suramyda gurji «dar ba- zisinde», yanyp duran oduň başynda oturan iki sany gartaň adam, ine, şeyle gurleşyardiler. Gurruňdeşleriň biri, siziň eyyam bilşiňiz yaly, biziň tanşymyz Osman agady, ol Durmuşhana sataşandan soň, ony ozune hyzmatkar edinipdi; ikinjisi bolsa suramy dayhanydy, adyna-da... yone welin size adynyň nama geregi bar?
Olar agşam naharyny edinmage oturdylar. Ilkinji bolup stoluň başyna biziň atsyz oy hojayynymyz gecdi, onsoň onuň ayaly, gyzy gecdi, iň soňunda hem Osman aga gecdi.

— Boldy-la, atam, bes etseňizlaň — diyip, gyz utanjyndan yuzuni aşak saldy.
— Jogusirap oturasy iş yok. Sebabi bu ba- rada gurruň acanymda, sen heziller edyarsiň ahyryn.
— Bes ediň, yogsam hazir cykyp gidyarin — diyip, gyz eli bilen dyzyna urdy.
— Meniň saňa tapan yigidimi sen bir gorsediň!
— Gabyra gitsin. Maňa ar gerek dal.

— Name ucin?
— Sebabi gerek dal.
— Yok, her nicigem bolsa, name ucin gerek dal? Sen monastyra girip, sacyňy-ha gyrkdyr- makcy bolyan dalsiň?
— Yok.
— Onda name ucin seniň durmuşa cykasyň gelenok?
— Islamok. Men ejemiň yanynda galjak.
— Diymek, şeydibem oyde garrap gitjek- da?
— Hawa.
— Yeri, onda geregem dal, gyzym, gaharyň gelmesin — diyip, Osman aga yylgyrdy.
— Maňa beyle zatlary aytmaň, onsoň meniň gaharym gelmez.
— Wah, men seni bilyan-le, kakaň seni durmuşa cykarmakcy bolsa, sen, elbetde, boyun towlarsyň. Yone men saňa yigit tapaysam, sen şoňa-da razy bolmazmyň?
— Bolman.
— Name, sen yone «yok» diyip otyrsyň- la? Hany, Durmuşhan, barik gel-le — diyip, Osman aga yzyna, gapa tarap gaňrylyp gygyrdy.
Durmuşhan girdi.
— Hany, dogumlyrajyk bol-da, bu gyzy op, eliňdaki nika yuzugiňi hem oňa ber — diyip, Osman aga onuň gulagyna pyşyrdady.
Durmuşhan ylgap gyzyň yanyna bardy-da, ony opdi we yuzugini oňa berdi.
— Ey, Taňrym-ey! Edayen zadyňyz dagy nahili? — diyip, ejesi gulkusini kesip, barma- gyny dodagyna yetirdi1.
Gyzyň kakasy myhmana gaharly seretdi. Osmanyň gozlerinde yaş peyda boldy. Pahyr men hem şeydip Nato bilen bagtly bolsam bomayarmy diyip, icini gepletdi...
— Bu na boluş, dost? Meniň yuzumi gara edip, ustesine-de aglayarmyň? Name, utanc yadyňa duşaydimi? ı nsoň Durmuşhan hem
— Ýok, kum, meniň gözýaşlarym ondan däl. Hany, meniň gyzymy çagyr, girsin... Giýewiň bilen gutlaýaryn! Durmuşhan, bärik gel, otur. Häzir seniň gelinligiň geljek...
— Siz görýän welin, oýun edýän-ä dälsiňiz? — diýip, kakasy ýylgyrdy.
— Oýun näme işlesin: hany, indi sen bize gyzyňy bermejek bolup bir gör! Allanyň adyndan ant içýärin, edil bütin obanyň öňünde masgara eder goýaýaryn...
— Hawa-da, heleý, dogrudan hem, etjek zadyň ýok... Bar, gelinligi alyp gel!
— Heý, ur-tut beýdip goýberibermeli bo- larmy? Men saňa entejik howlukmaly diýip aýtdym ahyryn.
— Oňat zady yza çekip ýöresi iş ýok — diýip, Osman aga ara goşuldy.
Birazrakdan soň gyzy çykaryp, Durmuşhanyň ýanyna miindiirdiler.
— Ah, men entek howlukjak däldim, ýöne bir bolansoň, etjek alajyň ýok. Alla ýaryňyz bolsun, balalarym, hoş günüňize guwanmak maňa miýesser etsin — diýip, gyzyň kakasy ýaşlara pata berdi.
— Baryň-da, onuň elini togap ediň — diýip, Osman aga olara akyl öwretdi.
Ýigitdir gyz ýerlerinden turup, ilki öý eýesiniň, soňra hem Osman aganyň elini ogşadylar.
— Alnyňyz açyk bolsun, balalarym — diýip, Osman aga başlaberjek bolanda, gözüne ýaş aýlandy, onsoň ol sesini çykarmady.
Ertesi güni täzeligi Suramy obasynyň töwerekle- rinde uludan-kiçä gürrüň etmedik bolmady.
Ýene birazrak wagtdan soň Durmuşhanyň toýuna bu obanyň dumly-duşundan adam dökühp ugrady.
Ynha, Durmuşhan kilisede heýkeliň öňünde durup, özüniň gyzy söýjekdigine, oňa wepaly boljakdygyna kasam edýär. Ýöne ol öz ada- glysyny hakykatdan hem söýýärmidi? Ýok, ol ýany bilen täjiň aşagyna baran gyzy-da, Guliswardini-de, özi üçin eliňden gelenini eden, ajaýyp hormata mynasyp Osmany-da oňat gör- meýärdi. Durmuşhan diňe baýlygy, ady söýýärdi we bular üçin özüniň iň gowy duýgularyndan geçipdi. Onuň ähli arzuwlary ýerine gowuşjak bolup durka:

baýap, atly-abraýly, hiç kime garaşsyz boljak bolup durka, ol söýgini nätsin? Bu eşretleriň özüne nähili gymmat düşjekdigi 1

1 Utananlarynda ýa bir zada geň galanlarynda, gruzin aýal-gyzlary, adatça şeýdýärler.

barada bolsa, ol pikir hem etmeýärdi. Biçäre Osman aga! 01 ölemde Durmuşhan ýatlar, başyma sadaka berer we mazarymyň üstünde oturyp gözýaş döker diýen umyt bilen, oňa öz emläginiň ýarysyny beripdi. Keçmaňlaý Osman aga! Ol öz çaklamalarynda nähili öte düşdi.
Toýdan iki aý geçensoň, Osman aga ber- jek diýen emlägini bermek üçin Durmuşhany Stambula alyp gitdi...
Durmuşhan kenarda durup, Krymdan geljek bagana ýükli gäminiň gelerine garaşyp durdy, ol garaköli baganalary hem onuň merhum ho- jaýyny sargyt edipdi. Durmuşhan nädip köpräk pul düşürip bolarka: baryny ýerinde satsam- mykam ýa harydy Gürjüstana äkitsemmikäm diýip pikir edip durdy.
01 göwnüne geňeşenden soň «Ilki şu ýerde sataýyn, soň hem Gürjüstana gideýin» diýen netijä geldi.
Ine, şeýdip, Durmuşhan Stambulda galdy we sekiz aýlap şol ýerde boldy, özi-de söwda şeýle bir gyzyşdy welin, şol salymyň içinde aýalyny bir gezek-de ýatlamady, oňa özi barada habar-hatyr bermedi.
Sekiz aýdan soň Durmuşhan Stambuldan öýlerine gaýdyp geldi. Ozi bilen hem tutuş bir kerwen gymmatbaha ýüpek parçalar alyp geldi. Durmuşhan Stambula gidende yzynda ogly bolupdy. Aýal görgüli Durmuşhan bege- nip, çaganyň ejesini gujaklar, mäkäm ogşar öýdýärdi. Emma Durmuşhan ýöne bir ogluna seretdi-de, ýylgyryp, aýalyndan:
— Entek çokundyran-ha dälsiňiz? — diýip sorady.
— Ýok. Biziň Gogiýamyzyň çokundyran ata bolasy gelýär.
— Gogiýaňy-zadyňy bilemok! Sen oňa oglumy çokundyrmak üçin meniň bir knýaz Çagyrjakdygymy aýt.
— Saňa knýaz nämä gerek? Gogiýa öz adamymyz ahyryn; men-ä onuň peýdasy köp degermikä diýýän.
— Bu zatlara seniň akylyň ýetmez. Sen öz işjagazyňy bil-de, meniň işime goşuljak bolma.
— Barybir, knýazlar bilen aramyzyň bol- majagyny men öňünden aýdyp goýýaryn.
— Sen nireden bilýärsiň? Şeýle atly-abraýly adamyň gabat gelip, saňa kuma diýeni, aýalynyň seni beýleki aýallardan ýakyn görüp, hoş söz aýdany nämä degmeýär. Onsoň ogluň ulalanda, knýaz onuň aladasyny etse kim bilýär... Heý, seniň muňa akylyň ýetmeýärmi?
— Şeý diýip, Durmuşhan ogluny nähili ter- biýelejekdigi barada arzuw edip başlady. Ynha, bir görse, ogly atyň üstünde otyr, ol özüni ço- kundyran atanyň ýanyndaky adamlaryň arasynda Meýdanyň ortarasynda ullakan bir daş ýatyr, onuň üstünde bolsa kümüş kubok dur. Bir knýaz atyny ýüzin salyp barşyna oňa tüpeňini çenäp atýar, emma oky hata geçýär. Ynha, başga biri atyny çapyp barýar. O-ho! Munuň hem oky hata geçýär. Durmuşhanyň kumunyň nobaty ýetdi: ol atyny çapyp barşyna tüpeňiň näşesini gysdy. Emma ol hem nyşana degmedi. Ynha, ahyrsoňy onuň ogly çapyp ugrady. 01 çakganlyk bilen tüpeňini eline alýar, çenäp atýar, kubok ýykylýar. Ähli adamlar: «Bu çalasyn ýigit kimkä?» diýşip, geň galýarlar, ol patyşanyň hem göwnünden turýar. 01 onuň ene-atasy kim diýip soraýar, şonda hökümdara: ol Durmuşhan Samaladzäniň ogly diýip habar berýärler. Gör, Durmuşhan şonda nähili bagtly bolar! Ýa-da, ynha, başga bir zat: onuň ogly ýigitkä monah bolup saçyny gyrkdyrýar. Onuň ýüzi, gör, nähili owadan! Gör, onuň dogany janyndan syzdyryp okaýşyna ço- kunmaga gelenler demini alman gulak salýarlar, käte garry adamlaryň horkuldylary eşidilýär. Ýigidiň çokundyran atasy katolikosa duşanda, öz çokundyran oglanyny öwýär. Katolikosyň ýigi- de syny oturyp, öz ýanyna alýar, ony igumen, arhimandrit, ahyrsoňy hem ýepiskop edýär. Ine, onsoň Durmuşhanyň ýepiskop ogly at üstünde otyr, depesinde bolsa tug pasyrdaýar, ol kilise goşunyny patyşa kömege alyp barýar. Ähli adam- lar: «Bu ýaş ýepiskop kimkä?» diýşip soraşýarlar. «Bu Durmuşhan täjiriň ogly». Gör, Durmuşhan şonda nähili bagtly bolar. Kim bilýär, belki, onuň ogly katolikosam bolsa bolaýar. Baý, şonda dagy

Durmuşhan bir knýaza-da tagzym etmez!
Ertesi Durmuşhanyň tutýan çokunma toýy üçin Suramyda ýagly-ýagsyz çörek bişirmeýän çörekhana galmady. Aýtmaklaryna görä, çokun- ma toýy diýseň dabaraly bolupdyr. Durmuşhan Gürjüstanda ýa-da Türkiýede duş gelýän ähli na- harlardan bişirdipdir; Suramydan bir günlük ýol- da ýerleşen obalardan uludan-kiçä çagyrylmadyk bolmandyr. Oglany şol wagtlar Surama gelen knýaz Kaýhosro Abaşidze1 çokundyrypdyr.
öz çokundyran oglanyna krepostnoýlaryň tutuş bir maşgalasyny peşgeş beripdir.
Bu jomart peşgeşe jogap diýip, Durmuşhan knýaza üsti gymmat baha mataly arap atyny iberipdir. Guliswardi görgüliniň okan haty hem, ine, şol wagt ýazylypdyr.
Wiý, ol Guliswardi... Ony biz ýatdan çyka- raýypdyrys. Biz ol hakda häzir gürrüň bere- ris. Kiçijik Zuraby (Durmuşhanyň oglunyň ady Zurabdy) wagtlaýynça şu ýerde galdyralyň, goý, ol birneme ösüp-ulalsyn. Biz onuň bilen gowy ýigit bolup, kakasynyň guwanjy, ejesiniň umydy, birtopar owadan aýal-gyzlaryň ah çekip göwün ýüwürdýäni bolup ýetişeninde, ýene-de duşuşarys.

**5-nji baş**

Gürrüň berilýän wakalar bolup geçýärkä, Awlabarda1 2, Suri — Karapet3 kilisesiniň gündo- gar tarapynda, dagyň süýr depesinde, iki otagly ýalňyz tamjagaz otyrdy, şol tamyň günbatara bakyp duran iki sany äpişgesi bardy, emma ýagly kagyzlar ýelmengi bolansoň, olardan hiç zat görünmeýärdi. Eger bu tamjagazyň daşyny birneme tertibe salsaň, kagyz ýerine aýna goýup, diwarlary suwasaň, ol gelşigine gelýäýjekdi. Bolmasa, onuň şol wagtky ýagdaý- da bolup oturyşy tutuk we gamly görünýärdi — diýip, indiki gürrüňçi söze başlady.
Ýanwar säheridi. Şemal şuwlap, gar tozgalary äpişgelere urýardy. Kiçijik tamjagazda ýaşaýan iki sany dul aýal ýaňy ýerlerinden turupdylar; olaryň biri otagyň içini süpürip ýördi, beýlekisi bolsa belka derisinden tikilen possunjyga do- lanyp, çukuryň içindäki közügip duran kömre aýagyny çoýup otyrdy. Biriniň ýaşy ýetmiş töwerekleri bardy; ol garrylykdan birneme küý- keripdir, emma onuň ýaşka hiç neneň däldigi ýüzünden görnüp durdy. Beýlekisi, daşyndan göräýmäge, otuz bäş ýaşdan geçmedik ýalydy, onuň ýüzi hordy, burny uludy, ýylgyrjaklap duran ýukajyk dodaklary bardy; onuň gözleri

1 Kaýhosro Abaşidze - XVIII asyryň aýaklarynda, XIX asyryň başlarynda ýaşap geçen belli feodal. Onuň mülki Suramydan Baržomi deresine çenli uzalyp ýatar eken.
2 Awlabar - köne Tiflisiň bir etraby.
3 Barataşwilli ýapyýokarsynyň golaýyndaky ermeni kilisesi, häzir ol gadymy ýadygärlikleriň biri.

içiňden geçip barýardy. Onuň zady pikir etmän gün görýän aýallardan däldigi görnüp durdy.
— Ýok, eje jan, men mundan artyk çydap bilemok. Ynha, nätseňiz men bar. Başga bir iş edenimden gowusy ýok — diýip, ýaş aýal kempire ýüzlendi.
— Näme üçin, gyzym? Seni näme howsa- lalandyrýar?
— Käte şeýle bir bozulýan welin, nätjegimi bilemok.
— O näme üçin beýle bolýar?
— Ýanyňa adam gelýär. Onuň kyn güne düşenliginem sen görüp dursuň... 01 aglaýar, ýalbarýar, dogryňy aýdýanlygyňa ant iç- dirýär, sen bolsaň, Hudaý bilsin, nämeler otaryşdyrýarsyň.
— Nätjek-dä, gyzym. Bu biziň ata-babamyz- dan bäri gelýär.
— Men ol garyp gyza şu gün maslahat bereýin diýip boýun bolupdym... Gije düýşümde hemmesi aç-açan bolar diýipdim... Meniň bolsa düýşüme giren zat bolmady. Men oňa indi näme diýerin? Ol häzir geler.
— Haýsy gyz? Birhili hakydama gelenok.
— Şol düýnki gelip, aglap giden owadan gyz-da...
— Ah, şeý diýsene! Men o wagt daş çykypdym. Oňa näme bolupdyr?
— 01 söýýän oglanynyň aldap gidenligini, öýlenjek diýip öýlenmänligini gözýaş döküp, maňa gürrüň berdi.
— Etjek alajyň barmy, şeýle güne düşýän azmy näme?
— Onuň pikir edişine görä, beýle gün diňe öz başyndan düşen ýaly — diýip, ýaş aýal gaýgyly gepledi.

— Oňa näme gerekmiş?
— Men ondan arymy alasym, meni köýdürişi ýaly, edil ýüregini paralasym gelýär. Muny nädip etmelidigini maňa öwret diýýär.
— Senem oňa näme diýjegiňi bilen dälsiň? Sen, akmak, özüňem agladyňmykaň diýýän.
— Ýogsa-da, meniň möňňüriberesim geldi... Ýene-de arpalary ýaýradyşdyran bolup, Go- risjwari ybadathanasyna, Arbadaky keramatly Gýeorgä çokun, olar seniň göwnüňe degen adamyň çäresini görerler — diýdim.
— Sen ony daşrak ýere ibermeli ekeniň; beren maslahatyňy tutup bilmez ýaly Sparsan- gelozini ýa-da Lomisini, ýa-da Laşarisjwardini salgy bermeli ekeniň.

— Wah, onuň şol git diýen ýerime-de gidesi gelenok. 01 «Alla bilen ikimiziň aramyzda indi dahylly zadymyz ýok. Sen maňa niýetimiziň al-arwahlar bilen, olaryň güýji bilen bitjek zadyny öwret» diýýär.
— Sen oňa näme diýdiň?
— Men näme diýeýin? Şu gün gel diýdim, ynha, indi ol häli geläýer, şindi geläýer diýip, garaşyp otyryn, özüm bolsam, geläýse, näme diýjegimi hem bilemok.
— Oňa paly özüm atyp görjek diýýä diý.
Olaryň şeýleräk gürleşip oturan wagtlary
Guliswardi hojaýyn aýalyndan soraşyp, bularyň ýanyna ugrady. Bu onuň Durmuşhanyň öýle- nenligini eşiden gününiň ertesidi.
Sowukdan ýaňa elleri doňup giden Gulis- wardi tamjagazyň gapysyny kakdy.
— Kimsiň? Giriber!
— Bagyşlaweriň, men sizi bimahal azara goýýaryn — diýip, Wardo öýe girdi.
Kempir:
— Zyýany ýok, balam! Bärräk süýş, ýylyn
— diýdi.
Guliswardi süýşdi, köwşüni çykardy, tagta çykdy we ýorgan süýşürip, oduň başynda oturdy.
Guliswardi ýylynandan soň, ýaş aýal:
— Ynha, eje, gürrüňini berýän gyzym, şu
— diýip, gürrüňe başlady.
Kempir Guliswardini synlady.
—Utançsyzyň beýle owadan gyzy taşlaýşyny! Oňa mundan artyk näme gerekkä? Ertekiler- däki şa gyzyny taparyn öýtdümikä?
Guliswardi utanjyna ýüzüni sallady, gözle- rine ýaş aýlady.
— Gam çekmäňi bes et, gyzym. Beýle güne ilkinji düşýän sen däl — diýip, kempir gürledi.
— Hawa-la, ýeke sen däl-le! — diýip, kempiriň gyzy tukatlyk bilen gaýtalady.
— Indi sen näme etsem diýýäň, guzym?
— diýip, garry sorady.
— Muny öz gyzyňdan soraý, ol bilýändir.
— Oňa biwepadan ar almany öwret — diýip, ýaş aýal aýtdy.
— Ar almak günä bolar, guzym. Allaha sygyn, göwnüňe degen adam bilen haklaşdyr diýip Hudaýa ýalbar.
— Ýok, ene jan. Arymy menifl özüm al- maly. Onda-da meniň köýdürenligimi biler ýaly edip almaly. — Biz nätsekkäk, guzym? Ynha, men saňa bir zat aýdaýyn: ar almak mümkinçiligi ýokka, birazrak. garaşmak gerek.
— Men ömrüm ötinçä garaşmaga taýýar, ýöne ahyrsoňy ýüregine bitmez ýaly ýara salyp bilsem bolýar.
— Beýle bolsa men saňa nähili maslahat bereýin diýsene?
— Hany, aýt.
— Pal atmany öwren. Biziň senedimiziň ähli syrlaryny bileniňden soň, göwnüňe degen oglany nähili jezalandyrmalydygyny seniň özüň hem bilersiň, razymy?

Birneme göwnüne geňeşenden soň, Gulis- wardi:
— Bolýar, razy — diýdi.
— Ýok, guzym, razyçylyk bermäge howluk- ma. Ilki bilen göwnüňe oňat geňeş.
— Muňa pikir edip oturasy zat ýok. Maňa sütemkärimi ýok etsem bolýar, başga zat gerek däl
— Nämä baş goşýanlygyňy bilýäňmi beri, guzym? Göwnüme bolmasa, bilmeýän ýaly. Ýeri, saňa nähili edip aýtsamkam: sen şu gün- den başlap, bütin dünýäden araňy üzýärsiň. Şu minutdan başlap, sen jadygöý, albassy bolýarsyň. Adamlaryň ýanynda sen adam däl-de, adam bi- len melgunyň ortalygyndaky bir zat bolýarsyň. Bular barada sen pikir etdiňmi bir?
— Maňa pikir edip oturasy zat ýok.
— Ýok, sen şu gün ýene bir gezek oýlan. Eger başarsaň, Hudaýa çokun... Ertir bolsa maňa gelen netijäňi aýdarsyň. Şoňa çenli hoş, sag bol.
Şunda hem olaryň gürrüňi gutardy. Gulis- wardi öýlerine gaýtdy.
Guliswardi otagdan çykanda ýaş aýal:
— Biziň bir kem zadymyz şudy. Öz günüňi zordan aýlaýan wagtyňl kesekiniň aladasyny boýnuňa almaň näme diýsene? — diýip, teýe- neli gürledi.
— Men biziň senedimiz ony gorkuzar, erbet niýetlerinden el çekdirer diýip pikir edipdim. Emma görnüşi ýaly, görgülijik oýun etmeýär eken.
— Ýeri, sen indi nätmekçi? Görýärmiň, ol men ýaly namart däldir!
— Näme, sen ol gowy edýändir öýdýärmiň? Tenini hapalandan soň, onuň indi ölesi gel- ýär.
— Her näme diýseňem, ol mert aýal eke- ni. Özüni heläklese-de, ol duşmanyndan aryny aljak.
— Biziň senedimizi öwrenäýende hem onuň nähili edip aryny aljakdygyny bir bilsemdim.
— O nähih? Näme, sen oňa öwretjek dälmi?
— Ýok. Men ol bir ýyldan soň öz hyýalyndan el çeker, ýene-de ak

ýürek aýal bolar diýip umyt edýärin. Biz hristian janyny dowzah jebir- lerinden halas ederis we bilip bolmaz, munuň üçin bizi Alla ýalkasa-da ýalkaýar.
— A eger ol bir depen ýerini depip, öwrediň diýip dursa nätjek?
— Diýende näme, öwredäýerin, bilýänje zatlarymy öwrederin, onsoň öz bilimini nähili ulanaryn diýse ulanybersin. Onsoňam gyzym, bu gyzyň bize gerek ýeri hem bolar. Sen onuň knýaz öýünde hyzmatkärdigini bilýärsiň ahyryn. 01 pal atdyrasy gelýän aldamlary biziň ýanymyza iberip, döwüm çörek gazanmaga bize kömek eder.
Olar şeý diýşip gürleşip bolýançalar Gu- liswardi öýlerine dolanyp bardy. Ol ugrubir bibisiniňkä girip, özüni erkinlige goýbermegini haýyş edip başlady.
— Näme üçin, Wardo? Ýa-da menden göwnüň galdymy? — diýip, knýaz aýal so- rady...
— Ýok, bibim. Göwnümiň galmanlygyna Allanyň adyndan ant içýärin — diýip, Wardo aljyraňňylyga düşüp sorady.
— Näme üçin sen taşlap gidýärsiň? Belkem, biri seniň göwnüňe degýändir? Aýdaý maňa, gyzym?
— Ýok, ýöne...
— Ýeri, onda näme? Erkin bolmaklyk saňa nämä gerek boldy, aýt, hany, basymrak?
— Belkem, şonda maňa oňadrak ýigit söz aýdar — diýip, Guliswardi gözýaşyň arasynda zordan gepledi.
— Näme diýdiň, Wardo?
— Belkem, şonda men oňadrak ýigide çy- karyn — diýip, Guliswardi gaýtalady.
— Eger şeýle bolýan bolsa, onda sen ertiriň özünde erkinlige çykarsyň. Munuň üçin agla- mak nämä gerek? Şu gün agşam adamym gelen dessine men oňa aýdaryn. Ertir hem hatyňy bereris. Sen onsoň nirede ýaşarsyň?
— Daýzamlarda.
Biçäre Guliswardi! Ömründe ilkinji gezek ýalan sözlemeli boldy. Şu çaka çenli ol bir gezegem ýalan sözlemändi.

Ertesi, erkinlige çykanlygy baradaky hatyny alyp, Guliswardi biziň Awlabaradaky tanyş tamjagazymyzyň gapysyny kakdy. Içeriden: — Giriber — diýdiler.
Girme, görgüli Guliswardi! Çokun, Allany kömege çagyr, melgunyň ýüzüne tüýkürip, yzyňa dolan!
Eşidenok ... Girdi. Guliswardi görgüli!
— Ýeri, guzym, nähili netijä geldiň? — diýip, kempir sorady.
— Men-ä öwrensem diýýärin — diýip, Guliswardi jogap berdi.
— Berekella, görýän welin, sen meniň ýaly däl — diýip, kempiriň gyzy gygyrdy.
— Bu ýerde näme gowy zat bar? Siz, biçäre- ler, ikiňizem entek ýaş bolýarsyňyz, ganyňyz gyzyp.. — diýip, kempir jogap berdi. — Bol- ýar, guzym — diýip, ol Guliswardä ýüzlendi.
— Meniň diýenim bolsun diýip dursuň, bizde boluber. Belki, Hudaý, sen soň gelen netijäň barada ökünmeli bolmaýadyň-da.
— Ertiriň özünde goş-golamlarymy getirerin
— diýip, Guliswardi jogap berdi. Şondan soň ol bir ýyllap palçylaryň hyzmatynda boldy, emma olaryň oňa öwreden zatlary bolmady.
Kempir:
— Entek ol ýaş, kellesindäki biderek hyýal çykar welin, günäli işimize başyny sokanymyz üçin, öz-özi alkyş okar — diýýärdi.
Emma ýyl geçdi, Guliswardiniň bolsa öz niýetinden el çekenligi duýulmaýardy.
Şol ýylyň aýagraklary palçy kempir öldi. Ýaş palçy bolsa, indi Guliswardini goýbermezligi ýüregine düwdi we oňa öz senetleriniň ähli syrlaryny öwretdi. Az salym geçenden soň, sada halk Wardo atly palçy barada gürrüň edip ugrady.

On ýyldan soň Guliswardi, dogrusy, öňki Guliswardiniň kölegesi hor ýüzüni çym ak edip, iki gatly jaýyň gymmat bahaly halylar ýazylan ýagty otagynda otyrdy we gelip-gidýänlere pal atyp berýärdi.
Diňe atly palçy bilen maslahatlaşmak üçin gelen bäş-alty sany kartalin we kahetin knýazy nobatlaryna garaşyp, beýleki otagda otyrdylar.
— Bu ýerde men özüme näme gerekligini aýdyp bilemok — diýip, bir ýaş knýaz gyzyň Wardonyň ýanyna gelip aýtdy we çym gyzyl bolup, ýüzüni sallady.
— Onda, ynha, şol jaýa baraýyň, men hem häzir bararyn.
40 1.201:

Gelen aýal çykyp gitdi. Wardo ýanyna baranda, ol oňa:
— Dogrusy, enem, hesretlerimi saňa nähili gürrüň berjegimi bilemok — diýdi.
— Näme üçin, guzym! Näme boldy?
— Sen meniň hesretlerime düşünmersiň. Maňa diňe meniň gören günümi gören adam düşüner... Sen bolsaň maňa söýgi diýilýän zady bilmeýän ýaly bolup görünýärsiň.
— Söýginimi? Hawa, ol barada meniň bilýän zadym ýok — diýip, Wardo gaýgyly gürledi.
— Men hem şeýlemikä diýýärin! Ýöne sen maňa kömege ýetişmeseň, men ölýärin. Hut Ýaradanyň haky üçin, enem, sen meni halas et — diýip, howsala düşen gyz Wardo ýalbardy. 01 palçynyň elini alyp, ony togap etdi.
— Seniň söýgüliň kim bolmaly?
Gyz onuň adyny aýtdy.
— Aglama! Alla bardyr, bir alajyny iýip, saýlap alan oglanyň seni söýer ýaly ederis. Ýöne sen meni toýuňyza çagyrmalysyň.

— Wah, hökman-la, hökman-la, şol diýenim bolsa bolýar, ant içýärin.
Guliswardi gyzyň haýyşyny hiç hili jadysyz- zatsyz bir hepdeden kanagatlandyrdy.
Guliswardiniň öňki bibisi onuň täze senedi barada eşidip, ony öz hoşamaýlygyndan mah- rum etmeg-ä beýlede dursun, hatda ondan öz ärinden gorkuşy ýaly gorkup, palça:
— Hany, Wardo, maňa pal atyp ber, Aleksandrym şu wagt näme işleýärkä? Ynha, bir aýdyr, men ondan hat-habar alamok — diýdi.
Guliswardi arpalaryny ýaýradyşdyrdy.
—Aleksandr, bibim, häzir meýdanda atyny säpjedip ýör. Ýaş rysarlaryň at üstünde edýän oýunlaryna patyşanyň özi keýp edip seredýär. Ynha, Aleksandr atynyň jylawyny ýazdyrdy. Teýmuraz Barataşwili onuň yzyna düşdi, «jiri- ti'» taşlady. Halal biziň knýaza! 01 jiritini ga- pyp, atyny yzyna dolady. Dep, Teýmuraz, atyňy dep! Ynha, hä diýmän Aleksandr seniň yzyňdan ýetýär... O-ho! Biziň ýaş knýazymyz jiriti taşlady welin, olam edil Teýmurazyň arkasyna düşdi! Hökümdar Aleksandr öwdi... Görýäňizmi, hanym, patyşa siziň Aleksandryňyzy öwdi! Siziň başga näme armanyňyz bar?
— Besdir, janym, Taňry ýalkasyn — diýip, haýran galan knýaz aýal jogap berdi.
Guliswardiniň pal atyşyny gürrüň berip ýü rege düşüp oturjak däl. Ýöne şol wagtyň içinde onuň adamzat tohumyna ysnat getirýän köp zatlara göz ýetirendigini aýtmalydyryn.
Ýene on ýyl geçdi. On ýyl dilde aňsat. Şol wagtyň içinde biziň bu hekaýatymyzda tanyş bolmak miýesser bolanlaryň köpüsi ölüp-ýitip gitdi. Diňe baş gahrymanlar: Durmuşhan, onuň aýaly, ýalňyz ogly, atly palçy Guliswardi dagy galdylar. Olar edil söweş meýdanyna döwüşmäge taýyn iki bäsdeş ýaly bolup galdylar.

Hany, göreli, kim zor çykýarka...

**6-njy baş**

Aprel agşamydy. Gün ýaňyja Suramy dagynyň aňyrsynda gizlenipdi. Şol ýerden asman tarap böwsüp çykyp, ony gyp-gyzyl reňke boýan Gün naýzalary gezelişip durdy. Tebigat Gün bilen hoşlaşyp durşuna doňup galan ýalydy. Şemaljagaz çöp başyny gymyldatmaýardy. Diňe käte gije ýatar ýaly amatlyrak ýer gözleşýän we şol ýerleriň üstünde bir-birleri bilen uruşýan närahat guşlaryň jürküldileri eşidilýärdi. Ço- panlar gamçylaryny şarpyldadyşyp, aýdyma gygyryşyp, mallary oba sürüp gelýärdiler. Mal janawar agylyna ýetmäge howlugýardy. Wagtal- wagtal gölelerini çagyrýan sygyrlaryň molaýan sesleri eşidilýärdi.

Eginleri küýzeli aýallar içlerini gepledişip, suwly çeşmä tarap barýardylar.

Durmuşhanyň öýüniň öňünde, mahmal ýaly ýaşyl otuň üstünde gymmat bahaly haly ýa- zylyp goýlupdy. Şol halyň üstünde bolsa biziň gahrymanymyz uzyn düşüp ýatyrdy. Onuň ça- larak ýanan hortaň ýüzünden, edil şonuň ýaly hortaň damarlak elinden, hortaň göwresinden onuň öýdeçil däldigi görnüp durdy, ýüzündäki ýygyrtlary, saçyndaky we sakgalyndaky ak gyllar onuň hiç haçan işsiz galmaýanlygyna şaýatlyk edýärdi. Çekilen zähmetler, geçilen ýyllar öz möhürini basypdy. Bu geňem däl, sebäbi biz häzir Durmuşhana ýokarda gürrüň berlen wakalardan ýigrimi ýyl töwerekleri geçenden soň sataşýarys.

Durmuşhan arkan düşüp, çüýşe ýaly dury asmana seredip ýatyrdy. 01 asmana seredip, seredip, pikire batdy. Durmuşhan öz ýaşlygyny, sal-sal eşikli gezen wagtyny, çem geleniň urup-sögüp ýören wagtlaryny ýatlady. Ol özüniň Guliswardi bilen ilkinji duşuşygyny-da, onuň söýşüni-de ýatlady.

«Gör, ol biçäre meni nähili söýýärdi. Eger ol bolmadyk dagy bolsa, knýaz maňa erkinlik hatyny asyl berjek däldi. Söýýän kişi bolan bolup, men, gör, nähili akyllylyk etdim! Ýogsa-da, ol hakykatdan hem söýeniňe degýärdi. Bahym barjak diýip, men ol gör- gülini näçe ýyllap aldadym. Hawa, ýadyma düşýär, soňky hatymda men oňa pul ibe- reýin diýipdim. Näme üçin ibermedimkäm? Hawa-da, oňa pul nämesine gerek? Pul özüme zerurrak gerek... 01 pahyrjyk häzir niredekä? Garrap, akyly çaşyp gitdimikä diýýärin! 01 meni henizem ýatlaýarmyka? Aý, näbileýin. Belki, bir sadarak oglana durmuşa çykyp, çaga baryny dograndyr. Onsoň ol geçmişi ýatlap nätsin... Görgüli Osman aga! Imany hemra bolsun diýip, bir gezek bir aýatyny okan bolsamdym, onuň hatyrasyna bir şem bir goýan bolsamdym! Utan, Durmuşhan! Pa- hyr saňa öz emläginiň gylla ýarysyny berdi, bagtyň üçin sen diňe şoňa minnetdar bolmaly... Ýöne, dogrusy, ynha, Alla bar, men pulumy gysganamok, ýöne muňa hiç elim degenok. Nätjek-dä! Stambulda ol, gör, nähili gözgyny görünýärdi! Bir zat barada dileg edýän ýaly, ol maňa, gör, nähili seredipdi! Ony jaýlamak meniň üçin agyr iş däldi ahyryn! Hawa, men günäkär, onuň öňünde meniň günäm örän uly...» diýip, Durmuşhan içini gepletdi.

— Salawmaleýkim, kaka — diýip, gap- dalynda ýap-ýaňy atyny çekip, ondan böküp düşen ýaş ýigit Durmuşhana ýüzlendi.

— Zurab, oglum! Geläýdiňmi! — diýip, Durmuşhan ýaş ýigit ýaly çalasyn ýerinden galyp, ogluny ogşady. — Ýeri, oglum, näme pişe gaýyrýarsyň! Gurgun gezip ýörmüň?

— Sag bol, kaka, mesdirin. Hany, ejem nirede?

— 01 öýdedir. Näme, sen heniz ony göreňokmy?

1 Jiriti - at üstünde oýnalýarka, birek-birege çapylyp barylýarka berilýän zat (telpek, naýza we ş.m.).

— Ýok, men göni seniň ýanyňa gaýdyber- dim.

— Berekella, olgum! Sen ilki bilen kakaň guwanjy bolmalysyň. Ýeri, näme gep-gürrüň bar? Nähili bardyň, dostlaryňa duşduňmy? Olar näme diýýärler?

— Soramagyn, kaka! Bu tekepbir knýaz ogullarynyň gaýdyp ýüzlerine seredesim ge- lenok.

— Olar näme diýip göwnüňe degdiler?

— Bir söz diýdigim ýa-da olaryň oýunlary- na goşuldygym, olar gyrgydan gaçýan ýaly güsürdäp

gaçýarlar-da: «Ine, saňa gerek bolsa! Toýnakly atyň gelen ýerine, gysajyny süýräp leňňeç hem geler eken!» diýýärler.
— Bu näme üçin beýle bolýar? Olaryň senden nämesi artykmyş? Baýmyşlarmy, owadanmyşlarmy, alan terbiýeleri artykmyşmy ýa senden batyrmyşlarmy?
— Hiç zatlaram artyk däl.
— Onda olara näme gerekmiş? Olaryň di- llerine çolaýan zady näme?
— Gelip çykyşlaryny çolaýarlar.
— Hüm, gelip çykyşlaryny çolaýarlar diý- sene... gelip çykyşlaryny... — diýip, Durmuşhan içini hümletdi. — Hany, sen olardan sora: haýsynyň kakasy öz zähmeti bilen ýerli, kre- postnoýly bolupmyş? Çem gelen knýazyň mülki ýaly mülk edinmäge kimiň puly barmyş?
— Bu barada olar pikir etmeýärler — diýip, Zurab jogap berdi.
— Sen muny olaryň gulagyna guýmalysyň. Uly serpaý ýapar öýdüp ogullaryny çokundyr- magymy soraýan olaryň atalary dälmi näme? Özlerine pul gerek bolanda, olar tagzym edip üç bükülýärler. Wah, olar meniň kimligimi entegem bilerler, ýöne sen maňa bir zady aýt: sen hökümdaryň gözüne-hä ilen dälsiň?
— Ýok, onuň öňünde tapawutlanmaga maý bolmady, ýöne soňky wagtlar näme üçindir uruş hakynda gürrüň edip başladylar. Ynha, eger uruş başlanaýsa... Kimifi şir, kimiň pyşdyldygy şonda-ha belli bolardy.
— Oglum, ataňy ýüzügara etmersiň diýip tama edýärin. Ýöne seniň diýýäniň näme? Dogrudan-da, uruş bolaýarmyka? Kim bilen bolarka?

— Bilmedim. Idili bilýän ýok.
— Oglum, gowy habar-ha getirmediň. Sebäbi uruş söwdanyň duşmany bolýar. Eger birden ol turaýsa, biziň işimiz gaýdýar.
— Kaka, maňa şeýle bir igenýärsiň welin, hamana uruş turuzýan men ýaly.
— Ýeri, bolýar, bolýar, oglum! — diýip, Durmuşhan gam laýyna batdy.
Zurab kakasyny goýup, ejesiniň ýanyna ugrady. Gidip barýan oglunyň yzyndan seredip, Durmuşhan onuň syratly, berdaşly göwresine syn etdi we öz-özünden göwni hoş bolup ýylgyrdy. «Ähli knýaz körpeleriniň Zurabymy görüp bilmeýänlikleri geň zat däl! Olaryň haýsy biri onuň bilen bäs edip biljek?» diýip, Durmuşhan guwanç bilen içini gepletdi; emma onuň küýi şol bada söwda işine gitdi. — Oglumyň getiren habary ýakymly däl. Eger ertiriň özünde em- lägimi halas etmegiň ugruna çykmasam, meniň tozdugymdyr. Onsoň Durmuşhandan dworýan bolan bolmaz!..
Ertesi güni Durmuşhan ir bilen turup, atyna atlandy we ýanyna üç sany hyzmatkär türküni alyp, Stambula ugrady.
Durmuşhan özüniň mal-mülküni halas et- mäge barýar, emma täleýiniň ters geljek bolup duranlygyndan ol habarsyz.
Durmuşhanyň gideninden birazrak wagt geçenden soň, patyşa öz ýanyna birinji we- zirini çagyryp, oňa Gürjistanyň serhetlerine aýlanyp çykmaly diýip buýruk berdi. Patyşa gerek bolan ýerinde gala saldyrmagy per- man etdi. Wezir ýola düşdi, serhedi gözden geçirdi we galanyň Suramyda salynmagyny zerur diýip tapdy. Şol salymyň özünde daş çekip başladylar, hek bişirdiler we howul-hara gurluşyga başladylar.
— Ine, indi maňa-da özümi görkezmäge wagt ýetdi — diýip, Zurab gurluşyk gidýän ýere bir topar araba ýollady.

Emma geň zat! Galanyň diwaryny iki-üç gez galdyrdyklary, ol uly zenzele edip çökýärdi we ýykylýardy. Göwnüňe bolmasa, bir ýowuz güýç galany salmaga päsgel berýän ýalydy. Ruhanyny çagyryp doga okatdylar, emma munuň hem peýdasy degmedi: diwarlar ýenede aşak çökdi. Her hili edilip görüldi, emma hemmesi biderek çykdy: diwar şol ýykylyp durdy. Näme alaç etmeli?
— Palça ýüz tutulsa näderkä? — diýip, kimdir biri teklip girizdi.

— Palça ýüz tutmaly, palça — diýşip, weziriň ýanyndakylar alyp göterdiler.
Wezire baryp habar etdiler. Bu pikir onuň göwnünden turdy. Indi iň atly-owazaly gurrandazlaryň haýsysynyň ýanyna gitmeli diýen meseläni çözmeklik galdy.
— Awlabarly Wardonyň ýanyna gitmeli — diýşip, birtopar adam biragyzdan gygyrdy.
— Onuň bilmeýän zady ýok. Bir gezek ol meniň bilen Hudaýdan başga hiç kimiň bilmeýän zadyny-da bildi — diýip, biri ses- lendi.
— Mende-de şeýle ýagdaý boldy — diýip, ikinji birisi alyp göterdi.
— Mende-de. Mende-de — diýşip, ýerli- ýerden gygyryşdylar.
— Meniň aýalym hem bir gezek onuň ýanyna gidip gelip, täsin-täsin zatlary gürrüň berdi — diýip, ahyrsoňy weziriň özi hem dillendi.
— Geliň, onda onuň ýanyna birini iberip göreliň, goý, ol pal atyp görsün — diýip, weziriň ýanyndaky knýazlaryň uluragy teklip girizdi.
— Näçe tiz bolsa, şonça-da gowy — diýip, wezir razylaşdy.
Weziriň nökerlerinden bir ýaş knýaz şobada atyna atlandy we öz hyzmatkärlerini alyp, niredesiň Tiflis diýip, atyny gamça basdy, knýaz Guliswardiniň ýanyna gelende, bir topar adam pal atdyrjak bolup, oňa garaşyp oturan ekeni. Özüne möhüm döwlet işiniň tabşyrylanlygyny syzýan ýaş ýigit pert-pert gepläp, oturanlaryň ählisini kowdy we palçynyň ýanyna bardy.
— Oglum, saňa näme gerek? — diýip, Wardo sorady.
— Meni seniň ýanyňa wezir iberdi. Bize sen häziriň özünde maslahat ber!
— O nähili maslahat, oglum?
Ýaş ýigit oňa ýagdaýy düşündirdi; ýigit

aýtjak zadyny aýdyp bolanda, Guliswardiniň ýüzi ýyrşaryp gitdi.
«Eliňden bir iş gelýän bolsa, ynha, indi wagtyň ýetdi, Wardo!» diýip, ol öz ýanyndan içini gepletdi.
— Beýle köp pikir edip oturma-da, Wardo. Çaltrak bir zat aýt — diýip, ýaş ýigit ony howlukdyrdy.
— Ýok, oglum, alňasap iş edip bolmaz, alňasap gala-da salyp bolmaz. Hany, sen maňa baryny başyndan başla...
— Ýene nämäni bilesiň gelýän bolsa, basym- rak soraşdyr — diýip, ýaş ýigit gygyrdy.
— Sen maňa aýt, Suramyda Durmuşhan atly söwdagär ýaşaýarmy?
— Ýaşaýar.
— Onuň ogly barmyka?
— Bar, özi-de menifi deň-duşum, ýoldaşym. Zurab gaty oňat ýigit.
— Ýagşy. Onda sen git-de, wezire habar ber onuň özi ýanyma gelýänçä, hiç zat aýdyp biljek däl. Oňa aýt, eger Gürjistana eýgilik isleýän bolsa, ol gelsin.
— Sen nähili aýal! Hany, bir zat aýt, hiç zatsyz men weziriň ýanyna dolanyp baryp bilmen!
— Ýok, oglum, men saňa hiç zat aýdyp biljek däl. Iň gowusy, biderek wagt ýitirme- de, basymrak ugra, Gürjüstanyň ykbaly häzir seniň eliňde.
Şeý diýdi-de, ol ýaş ýigidi zor bilen diýen ýaly itekläp gapydan çykardy.
— Eýsem onda men nädeýin, wezire näme diýeýin?
— Onuň özi gelsin diýýär diý. Bu örän zerur diý!
Ýaş ýigit atyna atlanyp, yzyna, — Surama tarap çapyp gitdi.
Guliswardi içini gepledip, otagyna gaýdyp geldi we şol sagadyň özünde «Ertir geliň» diýip, beýleki gelenleri öýlerine gaýtardy.
Şol agşamyň özünde şähere «Wardonyň ýa- nyna goşundan bir çapar gelip, pal atdyrypmyş, ol gidensoň bolsa palçy bir hili suslanyp, yn- jalykdan gaçypmyş» diýen habar ýaýrady.
«Ynha, Wardo, ahyrsoňy ar almak pursadyň ýetdi! Ynha, indi nätmelidigiň görner. Ojagyň

gömülsin, Durmuşhan! Näme üçin sen meni bu giine saldyň? Işim gaýtdy! Men indi öz-özümi heläk etmeli boljak—diýip, gurrandaz içini gepletdi we hork-hork edip aglamaga oturdy. Birneme soňrak ýene dowam etdirdi. — Ah, namart-eý! Näme, gorkup başladyňmy? Ynha, Wardo, seniň ýüregiňi paralan adam eliňe düşdi. Sen oňa nähili jebir bermekçi? Öldür- jekmi? Ýok, ölüm az bolýar. Goý, şu ýigrimi ýylyň içinde meniň çeken jebrim ýaly jebir çeksin ýörsün!»
Palçynyň jogabyny eşitdiren batlaryna, wezir şähere tarap at saldy we öýlerine-de sowulman, göni Wardonyň ýanyna ugrady.
— Hany, enem, pal at-da, näme etmelidigini salgy ber.
— Sen wezirmi? — diýip, Guliswardi so- rady.
— Hawa.
— Beýle bolsa seniň kysmatyň agyr ekeni, seniň boýnuňa agyr jogapkärçilik düşüpdir. Biçäre jenabym! Seniň wezir bolýan wagtyň erbet boldy. Eý, Taňrym, bu gözüme görünýän- ler näme? Biziň garypja Gürjüstanymyzdan size näme gerek? Eý, merhemetli Taňrym, biziň näme günämiz bardy, näme üçin sen bize beýle rehimsiz daraşýarsyň! Işimiz gaýtdy. Biziň üstümize sansyz-sajaksyz leşger süýşüp gelýär. Eý, keramatly Taňrym, derdimizi dep edip, günämizi bagyşlaweri. Eý, toba, olaryň rehimsiz gyraýyşlaryny! Ynha, görüp otyryn! Berme, bagtygara, ogluňy berme! Wah, aldy-da haram ölmüş! Ýetişewer, jenabym, kömek ber, bolmasa, biziň ählimiz heläk bolýarys.
— Men nätmeli? Hany, aýt! — diýip, wezir aljyraňňylyga düşdi.
— Görýärin, görýärin — diýip, Wardo sözüni dowam etdirdi. — Duşmanlar Su- ramy galasynyň daşyny garynja gurşan ýaly gurşaýarlar. Ony tizräk, tizräk salyň, duşman leşgerini saklap biljek diňe şol. Eger ony salyp bilmeseňiz, duşman basym bu ýere — Tifli- se gelýär. Taňrym, şonda biziň başymyza ne günler düşerkä? Iň bolmanda, jenabym, öz çagalaryňa bir haýpyň gelsin, olary kapyrlara parçalatmaga berme.
Şeý diýip, Wardo möňňürmäge durdy.

01 çyny bilen agladymy, habarym ýok, ýöne ýigrimi ýylyň içinde ol jögülik etmäni bir kemsiz öwrenipdi. Onuň ýanynda häzirkije meşhur artistleriň dagy näme!
— Men nätmeli? Basymrak aýt, nätmeli? — diýip wezir gygyrdy.
— Her edip, hesip edip, Suramy galasyny salmaly.
— Men ony saljak bolýaryn welin, ol eýýäm birnäçe sapar ýykyldy. Men nätsemkäm?
— Düýbüni söküşdirip, ony iki tirsek dagy çuňrakdan goýdur. Onsoň ruhanyny çagyr-da oňa doga okat. Ýöne maňa görünýän bu zat näme? 'Taňrym, men günäkäriň günäsini geç! Jenap, hanjaryňy sogur-da, şu ýeriň özünde meni öldürip, bir gowy iş et. Meniň pal atmaga başlan günüme nälet siňsin! Jenap, maňa gulak asma, meniň häzirki aýtjak zatlaryma gulak gabartma. Wah, ýok-la diňle, gowuja diňle! Sen muňa düşünmeli, Gürjüstanyň ykbaly, onuň ýeňmegi şuňa bagly.
— Taňrynyň haky üçin, basymrak aýdaweri.
— Gala diwarynyň arasyna bir ýaş ýigidi, ata-enesiniň ýeke dikraryny, Durmuşhanyň ogly Zuraby salyp suwamaly.
— Ýeke dikrar Zuraby? Seniň aýdýanyň näme, kempir? — diýip, wezir tolgunmadan ýaňa gygyrdy.
— Hawa, Zuraby! 01 diwaryň arasyna salnyp suwalmaly. Bolmasa, diwaryň durjak gümany ýok. Eý, gara ýer, darka bölün-de meni ýuwut. Men bu sözleri neneň agzymdan sypdyrdym- kam! Eý, görgüli ejem, sen näme üçin meni adamlaryň şum bagty üçin dogurdyňkaň!
— Nätjek-dä, ene, sende günä ýok! Sen, näme, görýän zadyňy aýdýarsyň — diýip, aňk bolan wezir dillendi. 01 çuň pikire gidip, köçä çykdy we şol ýeriň özünden öýlerine-de sowulman yzyna ugrady.
— «Wezir meniň Durmuşhanyma oňat sowgat alyp barar! Beýle peşgeşi kimiň beren- ligini Durmuşhan sorarmyka beri? Goý, sada garyp gyzyň elinden gelýän zady görsün. Bes et, ýürek. Alladan ýüz öwrenime, ynha, ýigri- mi ýyldyr. Ol gazaba müner diýip, sen meni gorkuzjak bolma!»

**7-nji baş**
Biziň wezirimiz gaýgyly gömüşde içini geple- dip, yzyna — Surama barýardy. Gün bolsa ynsan hesretleriniň üstünden gülýän ýaly, şadyýan şöhle saçýardy. Görnüşi ýaly, onuň ýerdäki durmuş bilen işi ýokdy.
Wezir Surama gelen dessine, diwaryň köne tekinini söküp, çukury iki tirsek çemeleri çuňrak gazmaly diýip buýruk berdi. Elbetde, bu buýruk şo bada ýerine ýetirildi. Ertesi gün doga okalyp, diwaryň täze tekini tutuldy we tä çukuryň erňegine çenli daş örüldi. Weziriň gurrandazyň soňky beren maslahatyny aýtmaly wagty ýetdi.
Käte hökmürowanlaryň-da wezipeleri agyr bolýar. Bu elhenç işe baş goşmazlyk üçin we- zir öz wezipesini başga birine begenip-begenip bererdi! Emma bu boljak zat däl. Watan howp astynda, ýürek sesini çykarmaly däl. Watan üçin müňläp-müňläp adam ölenden, goý, onuň ýeke özi ölsün! Şeýle deliller bilen özüni dür- säp, wezir ussalary çagyrdy.
— Siz Beronyň her bir buýrugyny gürrüňsiz ýerine ýetirmelisiňiz! Kim ýaýdanjyrap dursa, kimiň eli sandyrasa, ony meniň adamlarym hak öýüne tabşyrjakdyrlar. Eşidýärsiňizmi? — diýip, ol kerpiç örüjilere ýüzlendi.
— Eşidýäris, jenap! — diýip, ussalar jogap berdiler.
— Baryň onda. Meniň size başga aýtjak zadym ýok. Sen bolsaň, Bero, entejik gal — diýip, wezir baş ussa ýüzlendi.
— Buýruň, jenap!
— Berom, menden idili zat eşidesiň ýok — diýip, wezir söze başlady. — Meniň häzir saňa aýtjak zadym şeýle bir elhenç welin, geplemäge zordan dilim barýar.
— Nätjek-dä, jenap! Buýruň, maňa ýakymly bolarmy, ýakymsyz bolarmy, mende işiň bök- denji bolmaz. Meniň janymy aýamajagymy siz bilýärsiňiz ahyryn.
— Diwaryň arasyna diri adamy salyp su- wamaly — diýip, knýaz çalt-çalt gürledi.
— Ýok, jenabym, maňa bu işi tabşyrmaň — diýip, Bero aljyraňňylyga düşüp gygyrdy.

— Näme edeli, dost! Watany halas et- mäge pida gerek. Bolmasa, bize gala salmak başartmaz. Diýmek, taýýar bol. Häzir bolsa gaýdyber.
«Eý, Hudaý! Adamyny dirije suwamaly-da!» diýip, ussa weziriň ýanyndan çykyp gelşine gepletdi.
Wezir bolsa nökerlerini çagyryp, olara ýag- daýlary birin-birin aýdyşdyryp, bir topar knýaz ogluna galanyň salynýan ýerine Zuraby alyp gelmeli, tutup, el-aýagyny saramaly we kerpiç örüjileriň eline bermeli diýip buýruk etdi.
Şeýle hem ol goşuna taýýar bolup durmagy we gerek bolsa, bu aýylganç wakanyň bolup geçjek ýerini gurşap almagy tabşyrdy...
Gam çekmäge birjik-de esasy bolmadyk Durmuşhan öýlerine tukatlanyp, ýüregi gyýylyp gelýärdi. Özüniň söwda işlerini ol gaty şowuna salypdy, onuň gapjygy puldan dos-doludy, ol öýlerine, maşgalasynyň ýanyna, oglunyň ýanyna gaýdyp gelýärdi. Göwnüňe bolmasa, oňa gam çekmäge esas ýok ýalydy, emma, ýürek syzgyr bolýar diýýärler.
Surama ýetip gelýärkä salnyp gutaraňkyrlan gala uzakdan gözi düşende, Durmuşhan:
«Bä-hä, bular oýun etmeýärler! Gör, nähili gala salypdyrlar! Erbet urşa garaşylýan bolara çemeli. Ýöne welin, maňa barybir, men öz işimi ýola saldym... Bu galany saldyrýan kimkä? Zurab ony öýe çagyrdymyka? Oňa öýe göçüp geläý diýmeli eken, soň-a peýdasy degerdi. Ýöne mensiz Zurab, näbileýin, muny edäýse: entek ýaşrak bolýar, peýdasyny bilmeýär. Öýe gelen badyma, men ony nahara çagyraryn; tanyşlyk açaryn: eger oňa bir gowy Stambul zadyny dagy bagyşlaýsam, ony düýpden özüme çekerin».
Şeýle pikirlere gümra bolup, Durmuşhan öýlerine ýetdi. Hyzmatkärleri we obadaşlarynyň bir topary ony tutuk ýüz bilen garşy aldy- lar.
Bu näme boldugyka? Öňler uludan kiçä begenişip, onuň öňünden çykardylar, daşyny alardylar, kim atyny tutardy, kim atyny alyp giderdi... Bu gezek bolsa, öňküleri ýaly garşylasalar-da, näme üçindir, hemmeleriň ýüzi salyk görünýärdi. Birden Durmuşhanyň ýüre-

gi sarsyp gitdi. 01 maşgalasynyň başyna bir belanyň inenligini syzdy.
— Näme boldy? Eýgilikmi beri? — diýip, ol sandyrawuk sesi bilen sorady. — Hany, aýal nirede? Oňa:
— Öýe giriberiň, ol şo ýerde! — diýip, jogap berdiler. Durmuşhan otagyna girdi. 01 ýerde ýere ýazylan halynyň iistünde gara geý- nen bir topar kempir otyrdy. Durmuşhanyň aýaly hem olaryň arasyndady. Ony, göwniiňe bolmasa, bir irginsiz pikir basmarlap, näme- dir bir zady hakydasyna getirjek bolup jan edýän ýalydy. Gapdalda gara lybasly, eli haçly ruhany durdy.
Durmuşhan doňan ýaly gatap galdy; onuň ýiizüne öli reňki urdy. 01 mejaldan gaçyp, tagta özüni goýberdi.
— Meniň başyma nä bela indi? Basym- rak aýdaweriň! — diýip, ol ýarymýaş bolup gygyrdy. — Aýdyň, meni beýle horlamaň!
Ol heniz hem iň erbedi bolan däldir, takdyryň Zuraba rehimi gelendir diýip tama edýärdi. Agynyň arasynda aýallar oňa ähli bolan zatlary gürrüň berdiler.
Durmuşhan şobada on ýaş garrady.
— Heleý, hany meniň oglum? Hany, meniň Zurabym? Näme üçin onuň bilen, bar mydaryň Zurab bilen, özüň hem ölüp gitmediň. Bar umydym, bar guwanjym, oglum Zurab jan, meniň bagtym ýatdy. Belki, oglum, sen öz ýoldaşlaryň göriplikleriniň pidasy bolansyň? Sebäbi sen olaryň iň gowusydyň ahyryn! Näme üçin sen olara: meni goýberip, garry kakamy öldüriň diýmediň? Eý, gözümiň göreji, seniň olara näme etmişiň bardy? Wah, bagtym ýatdy- la, bagtym ýatdy-la!
— Durmuşhan, mert bol! — diýip, ruhany ohy köşeşdirjek boldy. — Sen biziň halasgäri- mizi ýada sal, ol biziň üçin näçe jebirler çekdi. Sen başga, müdimilik ýaşaýşyň-da bardygyny ýada sal. Sen Zurabyň bilen şol ýerde tapyşyp, şol ýerde müdimi bile ýaşarsyň.
— Heleý! Hany, meniň Zurabym? Näme üçin sen ony goramadyň? Hany aýt, nire- de biziň Zurabymyz? — diýip, Durmuşhan agysyny ýazdyrman sorady.

— Ah, bir ýada salyp bolsady! Bir zatjagaz-a diýjek boldum weli, unudaýdym — diýip, aýaly oňa öçügsi, manysyz nazaryny dikdi.
— Bagtym ýeser boldy! Çyragym söndi!
— diýip, Durmuşhan uly ili bilen ses etdi.
— Näme üçin ol maňa beýle jeza berýärkä? Men kime ýamanlyk edipdirin? Meni öldü- ren bolsalar bolmaýarmy!.. Emma ony näme üçin öldürýärlermiş?.. 01 hiç kimiň göwnüne degmedi ahyryn, özi-de kepderi ýaly arassady. Bagtym ýatdy. Zurabym, bagtym ýatdy!
— Besdir, Durmuşhan! Agyňy goý! Janyňy ýakanyň bilen etjek zadyň ýok — diýip, oňa töweregindäkiler göwünlik berdiler.
— Janym sag bolsa, oglum, duşmanyňy gözläp taparyn, seni beýle jebirlere sezewar eden adamy taparyn. Tapaýdygym weli, dat gününe!
— Durmuşhan, Isa bize duşmanyň günäsini geçmegi öwredipdir. Hajyň ýüzünde durka-da duşmanlaryna ybadat edip, ol bize görelde gör- kezdi — diýip, ruhany nesihat berdi.
Emma, ruhanynyň sözleri peýda etmedi. Durmuşhan eýýäm şähere gidip, Zurabyny öl- düren palçyny gözläp tapmagy we onuň wezire beýle aýylganç maslahat bermeginiň sebäbini soramagy ýüregine düwüpdi.
Hakykatdanam, adat boýunça abraýly maşgalanyň ýaşulusy hökmünde, edilişi ýaly ogluna aýat hem okaman, kilisä hem barman, Durmuşhan ertesi güni atyna atlanyp, ýola düşdi. Tiflise gelip, ol duş gelen adamlardan ilki bilen palçy Wardonyň nirede ýaşaýanlygyny sorady. Şol wagtlar Guliswardiniň abraýy şäheri tutupdy, iň kiçijik çagalara çenli onuň öýüni bilýärdiler. Durmuşhanyň ilkinji duşan adamy oňa Guliswardiniň öýüni salgy berdi. Durmuşhan şol bada salgy berlen ýere ugrady.
— Başlanýar, dostlar! Häziriň özünde gök gübürdäp, ýyldyrym çakjak. Häzirräk boluň!
— diýip, Alekseý ýaňsa alyp goýberdi.
— Nälet siňsin saňa, Mefistofel — diýip, gürrüňi üns berip diňläp oturan Seko jogap berdi. — Ýeri, onsoň, ýeri onsoň!
— Durmuşhan Guliswardiniň öýüne gelip,

palçyny sorady. Ony Wardonyň ýanyna alyp gitdiler. Geň zat, olar biri-birlerini tanamadylar, aýrylaşanlary bäri olaryň ikisi-de örän üýtgän ekeni.
— Siz bilen ikiçäk oturyp gürleşip bolma- zmyka? — diýip, Durmuşhan söze başlady.
— Näme üçin bolman. Ynha, elimi boşadaýyn, onsoň men siziň hyzmatyňyzda — diýip, Wardo jogap berdi.
— Eger mümkin bolsa, galan adamlar çyksynlar. Men siziň bilen köp zat barada gürrüňleşmekçi — diýip, Durmuşhan tolgunma bilen aýtdy.
— Size gerek bolsa, şeýdäýeris — diýip, Guliswardi Durmuşhanyň tolgunmasyna üns bermedi: ol adamlary beýle ýagdaýda görmäge öwrenişipdi.
Birnäçe minut geçenden soň, Durmuşhan bi- len Guliswardi çola otagda ikiçäk otyrdylar.
— Gaýrat et-de aýt — diýip, Durmuşhan gürrüňe başlady. — Suramy galasynyň diwarynyň içine meniň oglumy salyp suwamaly diýip, wezire salgy beren senmi?
Durmuşhan bu sözleri aýdanda, Wardo elini bildirmän ýassygyň aşagyna sokdy we hanjary barlap gördi.
— Hawa — diýip, Wardo oňa diýseň ar- kaýyn jogap berdi.
— Näme üçin, näletsiňen! Näme üçin? 01 saňa näme etdi?
— Oňadrak synla, Durmuşhan! Nä, meni tanamadyňmy? Sen meniň ýüregimi öldürdiň, menem seniň ogluňy öldürdim. Indi ikimiziň algy-bergimiz ýokdur.
— Asyl bu, näletsiňen Guliswardi, senmidiň? — diýip, Durmuşhan ýuwaşja gürledi we onuň üstüne topulyp, iki eli bilen bogazyndan tutdy.
— Wah, ýakynragyma gel, Durmuşhanym! Men bu pursada ýigrimi ýyldan bäri garaşyp gelýän! — diýip, Guliswardi ony gujaklap, arkasyndan hanjary dikdi.
Bir-iki sagat töwerekleri geçenden soň otaga giren hyzmatkärler olaryň ikisiniň hem ölüp ýatanlygyny gördüler. Olar iki aşyk ýaly bir-

birlerini berk gujaklaşyp ýatyrdylar. Görnüşi ýaly, Durmuşhan hem, Guliswardi hem ajal penjesinden sypjak bolmandyrlar.
Akylyndan azaşandan soň, Durmuşhanyň aýaly şol Suramy galasyna gitsem diýdi durdy. 01 o ýere ýygy-ýygydan gatnardy, esli salym diwaryň düýbünde diňşirgenip durardy we ahyrsoňy içini hümledip: «Ah, bir ýada salyp bolsady!» diýip, gözgyny halda öýlerine gaýdardy.
Şeýdip, üç ýyl töwerekleri geçdi, ony gurşap alan hasrat kem-kemden dumanyň sowluşy ýaly sowlup ugrady.
Bir gezek Zurabyň ejesi endik edişi ýaly Suramy galasynyň öňünde oýa çümüp durdy. Birden ol ýürekgyýyjy çirkin sesini edip:
— Wah, oglum, Zurab jan, bagtym-a ýatdy — diýip gygyrdy we özünden gitdi.
Mejaldan gaçyşan göwre täze urga döz gelip bilmedi. Görgüli gaýdyp özüne gelmedi.
Watan goragynda gynançly ölüm bilen ölen ogluň enesi hökmünde ony abraýly jaýlady- lar.
Aýtmaklaryna görä, Zurab neressäniň suwalan ýerinde galanyň diwary hiç haçan guramaýarmyş, ondan suw damjalary gözýaş ýaly bolup damyşyp durmuş.
Ýene, aýtmaklaryna görä, Aý-aýdyň gijelerde bir gara geýnen, hüwjük saçly aýalyň Suramy galasynyň töwereginde, diwaryň düýbünde gezmeläp:

— Huzyryňa geldim, Suram galasy,
Gulak goyup, eşit ahy-nalamy.
Diwaryňda diri goyup suwaldy.
Baky pena bolup, gora balamy.

— diýip, aglap ýörenine duş gelmek bolýarmyş.

***Terjime eden Daňatar BERDIÝEW*** ***PDF formatda taýýarlan Saparow Merdan***